TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

S. B. Hojamuhammedow

# Jenaýat düzediş hukugy

Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy

Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi

AŞGABAT – 2010 ý.

# GIRIŞ

Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň fewral aýynyň 15-ne çykaran Permanyndan, “Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda” 2007-nji ýylyň mart aýynyň 4-däki kararyndan gelip çykýan wezipeleri durmuşa ornaşdyrmak maksady bilen Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň hukuk fakultetinde birnäçe işler alnyp barylýar.

Esasy maksat-hünärmenleri taýýarlamagyň hilini ýokarlandyrmak bolup durýar. Türkmenistanda bilim ynsanperwerlige, demokratiýa, milli aň-düşünjelilige hem-de adamlaryň we halklaryň bir-birine hormat goýmagyna esaslanýar. Umumyadamzat we milli gymmatlyklar esasynda şahsyýetiň hemmetaraplaýyn ösmegi üçin döwletimizde ykdysady, durmuş, kanunçylyk şertleri döredilen. Bilimiň jemgyýetiň ruhy, durmuş-ykdysady we medeni taýdan öňe gitmegine esas bolup durýandygyny, onuň döwleti ösdürmegiň ileri tutulýan ugrudygyny XX - Halk maslahatynda eden çykyşynda Hormatly Prezidentimiz aýratyn nygtady.

“Jenaýat düzediş hukugy” sapagy Türkmenistanyň düzediş syýasatynyň esasy düzgünleri talyplara çuňňur öwrenmegini we bilmegini gazanmak. Şeýle hem Türkmenistanyň häzirki hereket edýän kanunçylygyny we ösüş taryhyny hem-de onuň esasy ýörelgelerini öwretmekdir. Şonuň ýaly-da düzediş zähmet täsir ediş bilen baglanyşykly jezany ýerine ýetirýän döwlet edaralarynyň we düzrdiş edaralarynyň maksatlaryny we wezipelerini öwrenmekden ybaratdyr.

Jenaýat düzediş hukugy sapagyny öwrenmek bilen talyplar Türkmenistanda hereket edýän düzediş zähmet kanunçylygyny düzediş zähmet täsiri bilen baglanyşykly jeza çäreleriniň görnüşlerini, jezanyň ýerine ýetirilşiniň tertibini, düzediş zähmeti bilen baglanyşykly jezany çekýän adamlaryň hukuk ýagdaýlaryny bilmelidirler.

Iş kesilenleriň toparlara bölünişi we olary düzediş edaralarynyň görnüşleri boýunça paýlamanyşyny, iş kesilenleri düzeltmekligiň we gaýtadan terbiýelemekligiň esasy serişdeleriniň, şeýle hem azatlykdan mahrum edilenleriň düzediş koloniýalarynyň ähli görnüşlerinde, türmelerde, terbiýeleýiş koloniýalarynda jeza çekmekligiň tertibini talyplar şu sapagyň aýratyn bölümi okadylanda öwrenmeli we bilmelidirler.

Awtor taýýarlanan okuw gollanmasynyň jenaýat düzediş hukugy dersi we ylmy bilen gyzyklanýan talyp ýaşlaryň bilimlerini artdyrmaga ýardam eder diýip umyt bildirýär.

**Jenayat düzediş hukugy**

**§1. Jenayat düzediş hukudy kanunçylygyň pudagy.**

**§2. Jenaýat düzediş hukugy ylmy hakynda dusunje.**

**§3. Jenaýat düzediş hukugynyň predmeti**

Jenayat düzediş hukugy adatça üç hili manyda ulanylyar:

1) Kanunçylygyň pudagy
2) Hukuk ylmynyň pudagy
3) Özbaşdak okuw predmeti.

**Jenayat düzediş hukudy kanunçylygyň pudagy** hökmünde bu – jenayat jeza çäresiniň ähli görnüşleriniň yerine yetirilyän döwründe ýüze çykýan we bu babatda yerine yetiriş täsir edişleri baradaky jemgyýetçilik gatnaşykla-ryny düzgünleşdiryän kanunçylyk namalarynyň toplumydyr.

Bu gatnaşyklara dürli jeza çäreleri bellenen hökümleri ýerine ýetiýän edaralar,döwlet häkimiýetiniň we ýerli ýerine öz-özüňi dolandyryş edaralary, jemgyýetçilik, iş kesilenleriň işleýän edara-kärhanalarynyň administrasiýasy we aýry aýry raýatlar gatnaşýarlar.

**Jenaýat düzediş hukugy ylym hökmünde** özüniň predmetini diňe bir Türkmenistanyň jenaýat jeza çäresini yerine ýetirmekde ýüze çykýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunçylykda görmän,

eýsem ol muny onuň taryhynda we ösüşinde hem-de daşary ýurtlaryň kanunçylyklarynda bu ugurda bolup geçýän prosseslerinde hem görýär.

**Jenaýat düzediş hukugy okuw predmeti** hökmünde bu-okuw jaýlarynda jenaýat düzediş kanunçylygyny ulgamlaýyn açyp görkezmek hem-de jenaýat düzediş ylmynyň esasy ýagdaýlaryny geljekki hünärmenlere ýetirmek üçin okadylýan okuw kursydyr. Bu okuw dersi umumy we aýratyn bölümlerden ybaratdyr.

**Jenaýat düzediş hukugy özüniň hususy hukuk** düzgünleşdiriji predmeti we usuly bilen häsiýetlendirilýän özbaşdak ylym pudagydyr.

**Jenaýat düzediş hukugynyň predmeti** jenaýat jeza çäresiniň ähli görnüşlerini we iş kesilenlere jenaýat hukuk täsir edişiň beýleki çärelerini ulanmaklygy ýerine ýetirmekde ýüze çykýan jemgyýetçilik gatnaýyklarynyň düzgünleşdirilmegi bolup durýar, şeýle hem döwlet we ýerli ýerine ýetiriş edaralarynyň jeza çäresini ýerine ýetirýän edaralaryň üstünden gözegçilik etmegi,olaryň iş kesilenleriň düzelmegine kömek etmekleri bilen baglanyşykly düzediş edaralarynyň administrasiýasy dilen ýüze çykýan jemgyýetçilik gatnaşyklary we jemgyýetçilik birleşmeleriniň hem-de raýatlaryň iş kesilenleriň düzelmegi we düzediş edaralaryna barmaklary netijesinde ýüze çykýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryndan ybaratdyr.

Jenaýat düzediş hukuk gatnaşyklary höküm kanuny güýjüne girenden başlap, tä iş kesilen jeza çäresini doly çekip gutarýança dowam edýär. Bu düzgün DZK – nyň 4-nji maddasynyň talaplaryndan gelip çykýar, çünki oňa laýyklykda jenaýat jeza çäresini ulanmak üçin diňe kanuny güýjüne giren höküm esas bolup durýar.

**Jenaýat düzediş hukuk gatnaşyklarynyň düzümini esasan şular emele getirýärler:**

**1)** Subýektler we hukuk gatnaşyklarynyň beýleki gatnaýyjylary.

**2)** Hukuk gatnaşyklarynyň mazmuny.

**3)** Hukuk gatnaşyklarynyň obýektleri.

**4)** Ýuridik faktlar.

**Subýektler we hukuk gatnaşyklarynyň beýleki gatnaýyjylary**,

bular-jenaýat düzediş hukugy tarapyndan belli bir hukuklara we borçlara eýe edilen ýuridiki we fiziki şahslardyrlar.(iş kesilenler,jezany ýerine ýetirýän edaralar,ýörite prokurorlar).

Has az hukuklardan peýdalanýan beýleki gatnaýyjylar (jemg.birleşmeleri,aýratyn raýatlar,din wekilleri,iş kesilenleriň hossarlary,iş kesilenler bilen bile işleýän beýleki raýatlar).

**Hukuk gatnaşyklarynyň mazmuny** diýlip, subýektleriň we gatnaýyjylaryň hereketlerine we olaryň ýerine ýetirýän jeza çäresine baglylykda bar bolan hukuklarynyň we borçlarynyň toplumyna düýünilýär.

**Hukuk gatnaşyklarynyň obýektleri diýlip,**düzediş bilen baglylykda hakykat ýüzünde ýüze çykýan ýagdaýlara düşünilýär.Subýektleriň we gatnaýyjylaryň belli bir bähbitleri hem hukuk gatnaşyklarynyň obýektleri bolup bilerler**(zähmet rugsady,** duşuşyk,posylka,zat geçirmek we ş.m.).

**Ýuridik faktlar** diýip, jenaýat düzediş hukuk gatnaşyklarynyň döremegine, üýtgemegine we bes edilmegine getirýän hereketlere we wakalara düşünilýär.

Mysal:hökümiň güýje girmegi, möhletiň dolmagy,möhletinden öň jeza çekmekden boşadylmagy, jezanyň bir görnüşinden başga görnüşine geçilmegi we ş.m.

**Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usuly** bu-jemgyýetçilik gatnaşyklaryna täsir etmegiň hukuk serişdeleriniň toplumydyr.

Jeza-munuň özi döwlet tarapyndan ulanylýan mejbur ediş çäresi bolanlygy sebäpli onuň hukuk taýdan düzgünleşdiriş usulyny imperatiw görnüşde häsiýetlendirmek bolar, çünki duzediş hukuk gatnaşyklarynda taraplaryň deňhukuklylygy barada gürrüň etmek ýalňyş bolar. Ýöne bu ýagdaýyň özi ol gatnaşyklaryň dispozitiw ýa-da höweslendiriji görnüşde bolmagyny hem aradan aýyrmaýar.

## Jenaýat düzediş hukugynyň esasy ýörelgeleri

**§1. Jenaýat düzediş hukugynyň ýörelgeleri.**

**§2. Mejbur ediş çäreleriniň we düzediş serişdeleriniň ýerlikli ulanylmagy.**

**§3. Jezany düzediş täsiri bilen utgaşdyrmak ýörelgesi.**

Hukugyň umumy teoriýasynda jenaýat düzediş hukugynyň ýörelgeleri diýip hukuk ulgamynyň esasy ideýalaryna, ugrukdyryjy düzgünlerine düşünilýär.

Ýörelgeler adatça umumyhukuk, pudagara we pudaklaýyn diýen görnüşlere bölünýärler.

Umumyhukuk ýörelgeleriniň esasylarynyň biri hem **kanunylyk** ýörelgesidir ol öz gözbaşyny Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan alyp gaýdýar (II-bölüm 18-47-nji maddalar).

Türkmenistanyň düzediş zähmet kodeksiniň 10-njy maddasynda hem bu ýörelge aýdyň beýan edilipdir.

**Ynsanperwerlik ýörelgesi bu** ilkinji nobatda Raýatlyk we syýasy hukuklar hakyndaky halkara ylalaşygynyň 10-njy maddasynda şeýle beýan edilendir: Azatlykdan mahrum edilen ähli adamlaryň ynsanperwerçilikli çemeleşmä we ynsan şahsyýetine mahsus bolan mertebesiniň hormatlanylmagyna hukugy bar.

**Demokratizm ýörelgesi** jeza çekýänleriň düzelmegine gönükdirilip, munuň üçin jemgyýetçiligi çekmek, düzediş edarasynyň işini jemgyýetçilik üçin açyk etmekden ybarat bolup, bu ýörelge Türkmenistanyň düzediş zähmet kodeksinde hem öz beýanyny tapypdyr (9-njy madda).

**Iş kesilenleriň kanunyň öňünde deňligi ýörelgesi** ýurdumyzyň Konstitusiýasyndan we Halkara ýörelgelerden ugur alyp, ol iş kesilenleriň jynsyna,tenininiň reňkine,milletine,diline, dinine, gelip çykyşyna, emläk we wezipe ýagdaýlaryna garamazdan kanunyň öňünde deň hukuklardan peýdalanýandyklaryny aňladýar. Ýöne bu ýörelge iş kesilenleriň hemmesi üçin jeza çekmegiň deň şertiniň döredilmegini aňlatmaýar, çünki jeza çekmegiň şertleri edilen jenaýata, janaýatçynyň şahsyýetine we beýleki faktorlara baglylykda kesgitlenýär. Bu ýerde differensirlemek we indiwiduallaşdyrmak ýörelgesi hereket edýär. Bu ýörelge edil jenaýat hukugyndaky ýaly ulanylýar.

**Mejbur ediş çäreleriniň we düzediş serişdeleriniň ýerlikli ulanylmagy hem-de iş kesilenleriň özlerini alyp baryşlaryny höweslendirmek ýörelgesi** olaryň düzelmegi üçin zerur bolan esasy ýörelgeleriň biri bolup durýar. Bu Türkmenistanyň düzediş zähmet kodeksiniň 67-68-nji maddalarynda aýdyň beýan edilipdir.

**Jezany düzediş täsiri bilen utgaşdyrmak ýörelgesi** bu jezany ýerine ýetirilýän döwründe iş kesilenlere

çäklendirmeler we jezalandyrma çärelerinden başga-da düzediş serişdelerini hem ulanmagy göz öňünde tutýar (Türkmenistanyň düzediş zähmet kodeksiniň 7-nji maddasy).

## Düzediş koloniýalarynda azatlykdan mahrum etmekligi çekmegiň düzgünleri

**§1. Iş kesilenleri azatlykdan mahrum edilýän ýerlerde saklamagyň düzgüni.**

**§2. Düzgün hakynda düşünje.**

**§3. Düzgün çärelerinde jenaýat jeza çäresiniň manysy.**

Iş kesilenleri azatlykdan mahrum edilýän ýerlerde saklamagyň düzgüni iş kesilenlere düzediş täsir edişiň esasy serişdesiniň biri bolup durýar we düzediş edaralarynyň iş kesilenleri düzetmekde we täzeden terbiýelemekde olaryň öňünde duran wezipeleri ýerine ýetirmeklige hem-de jenaýat jeza çäresiniň maksadyny amala aşyrmaklyga hyzmat edýär.

**DÜZGÜN** - bu jenaýat düzediş hukugynyň kadalary tarapyndan düzgünleşdirilen azatlykdan mahrum etmek jeza çäresini ýerine ýetirmegiň we çekmegiň tertibidir.

Bu düzgün Türkmenistanyň düzediş zähmet kodeksi we Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň hukuk

namalary arkaly düzgünleşdirilýär, çünki düzediş edaralarynyň içerki tertip düzgünlerini kesgitleýän düzgünnamalar prokuratura bilen ylalaşmak arkaly Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi tarapyndan işlenip düzülýär.

Düzgün çärelerinde jenaýat jeza çäresiniň manysy has aýdyň ýüze çykýar, çünki düzgün azatlykdan mahrum etmek jeza çäresiniň çäklendirmelerini we iş kesilenleri hukuklaryndan we azatlyklaryndan mahrum etmegiň düzediş kanuny tarapyndan kesgitlenen tertibini belleýär.

Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 22-nji maddasyna laýyklykda düzediş zähmet koloniýalary umumy düzgünli, güýçlendirilen düzgünli, berk düzgünli, aýratyn düzgünli we koloniýa – poseleniýelere bölünýär.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda düzediş zähmet koloniýalarynyň görnüşlerine baglylykda iş kesilenleri jezany çekmekligiň ýeňilleşdirilen we berk şertlerinde saklamaklyk göz öňünde tutulyp bilinýär. Türmelerde jezalaryny çekýän tussaglary saklamaklygyň iki görnüşi ýagny Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 29-njy maddasyna laýyklykda umumy düzgün we berk düzgün bellenilýär. Iş kesilenleriň düzediş edarasynyň bir görnüşinden beýleki görnüşine geçirmeklik olaryň özlerini alyp baryşlary we bellenen jezanyň çekilen möhletine baglylykda amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 21-nji maddasyna laýyklykda iş kesilenleri saklamak şertlerini olaryň şol bir düzediş-

zähmmet koloniýasyndan başga görnüşli düzgüni bolan beýleki koloniýa, koloniýadan türmä ya-da türmeden koloniýa geçirmek arkaly üýtgetmeklik kanunda bellenilen esaslar boýunça kazyýet tarapyndan geçirilýär. Kanunda bellenilýän tertipde, bir koloniýadan beýleki koloniýa şu esaslar bolanda;

- Kazyýetiň hökümi boýunça bellenilen türme tussaglygy möhletiniň azyndan ýarysyny geçiren bolsa – türmeden düzediş-zähmet koloniýasyna geçiriliip biliner;

- Aýratyn düzgünli koloniýada jeza möhletiniň azyndan yarysyny geçiren bolsa – aýratyn düzgünli düzediş-zähmet koloniýasyndan berk düzgünli düzediş zähmet koloniýasyna geçirilip biliner;

- Jeza möhletiniň azyndan ýarysyny geçirenden soň (eger olar barada kanun boýunça möhletinden öň şertli boşatmaklyk ulanylyp bilinýän bolsa) we jeza möhletiniň azyndan üçden iki bölegini geçirenden soň (eger olar barada kanun boýunça möhletinden öň şertli boşatmaklyk ulanylyp bilinmeýän bolsa) – umumy düzgünli, güýçlendirilenn düzgünli we berk düzgünli düzediş-zähmet koloniýalaryndan koloniýa-poseleniýa geçirilip biliner.

Iş kesilenleri düzediş-zühmet eedarasynyň bir görnüşinden beýleki görnüşine geçirilmegi bilen olaryň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň sanawy köpelýär ýa-da azalýar, bu bolsa olaryň düzelmekleri üçin öňde goýulan maksada ýetmekligiň serişdesi bolup durýar.

Ozal hem bellenilip geçilişi ýaly jezanyň esasy maksady iş kesilenleriň düzelmekligi bolup durýar. Iş kesilenleriň düzelmekligi üçin birnäçe düzediş häsiýetli çäreler we täsirler ulanylýar. Olara iş kesilenleriň zähmete çekilmegi, olara berilýän bilim we hünär taýýarlygy, medeni köpçülikleýin çäreler degişlidir. Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksine laýyklykda düzediş-zähmet edaralarynda hökmany umumy bilim okuwy geçirilýär.

Iş kesilenleriň kyrk ýaşdan geçenleri hem-de birinji we ikinji topardaky maýyplary ummumybilim okuwyna olaryň öz islegi boýunça çekilýär.

Doly däl möçberde bilimi bolan iş kesillenler ddüzediş-zähmet edaralaryndaky umumybilim berýän orta mekdeplerde okap bilerler. Iş kesilenleriň umumybilimm okuwy höweslendirilýär hem-de olaryň düzeliş we gaýtadann terbiýeleniş derejesi kesgitlenilende nazara alynýar.

Iş kesilenleriň hünär taýýarlygy Türkmenistanyň 62-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.  Düzediş zähmet edaralarynda hünäri bolmadyk iş kesilenler üçin hökmany professional-tehniki okuw guralýar. Terbiýleýiş – zähmet koloniýalarynnda professional-tehniki okuw iş kesilenleriň iş gününiä dowamlyllygynyň çäklerinde geçirilýär.

Düzediş zähmett edaralarynda azatllykdam mahrum edilen adamlaryň önümçilik hünär derejesini ýokarlandyrmaklyk, şonuň ýally-da şol düzediş-zähmet

edarasynyň önümçiligi üçin zerur bolan täze hünärler öwretmeklik guralyp biliner.

Düzediş-zähmet edarasynyň çäginde iş kesilenler bilen umumybilim okuwlaryny we hünär derejelerini kämilleşdirmek ýaly çäreler Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan, Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen tertipde guralýar.

Düzediş edarasynda iş kesilenleriň özlerini gowy alyp barmaklary, tertip düzgün kadalary doly berjaý etmekleri üçin höweslendiriş çäreleri ulanylýar. Kanuna laýýyklykda höweslendiriş çäreleri özüniň mazmunynyň häsiýeti boýunça üç topara bölünýär.

Iş kesilenleriň özlerini alyp baryşlary bilen baglylykda ulanylýan höweslendiriş çareleriniň birinji toparyna şular degişlidir:

- ❖ Hoşallyk bildirmek;
- ❖ Önümçiligiň öňde baryjylarynyň tagtasyna ýazmak;
- ❖ Taryp haty bilen sylaglamak;
- ❖ Işde gowy netijeleri gazananlygy üçin baýrak bermek;
- ❖ Ýylda goşmaça bir posylka ýa-da peredaça almaga ygtyýar bermek;

❖ Ýylda goşmaça bir gezek gysga möhletli ýa-da uzak möhletli görme-görşe ygtyýar bermek;

❖ Baýramçylyk günlerinde azyk önümlerini we iň zerur zatlary satyn almak üçin goşmaça pul harçlamaga ygtyýar bermek;

❖ Ozal berilen temmini möhletinden öň aýyrmak;

❖ Jeza möhletiniň azyndan üçden bir bölegini geçiren iş kesilenleri aýratyn düzgünli düzediş-zähmet koloniýasynda şol koloniýanyň özündäki kamera tipli jaýlardan adaty ýaşaýyş jaýlaryna geçirmek;

❖ Umumy düzgünli türmede saklanylýan iş kesilenleriň gezelenç wagtyny iki sagada çenli, berk düzgünli türmede saklanylýanlaryň gezelenç wagtyny bir sagada çenli artdyrmak.

Bu höweslendiriş çäreleri zähmete ak ýürekden yapyşyp, düzediş edarasy tarapyndan gurnalýan terbiýeleýiş häsiýetli çärelere işjeň gatnaşýan iş kesilenler babatynda ulanylýar. Bu topardaky höweslendiriş çäreleri düzgün boýunça bir gezeklikk häsiýete eýe bolup düzediş edarasynyň bir görnüşinden beýleki bir görnüşine geçirmeklik bilen bagly däldir.

Höweslendiriş çäreleriň ikinji toparyna şu aşakdylar degişlidir:

❖ Türmeden düzediş-zähmet koloniýasyna geçirmek;

❖ Aýratyn düzgünli düzediş-zähmet koloniýasyndan berk düzgünli düzediş-zähmet koloniýasyna geçirmek;

❖ Umumy düzgünli, güýçlendirilen düzgünli we berk düzgünli düzediş-zähmet koloniýalaryndan koloniýa – poseleniýa geçirmek.

Bu topardaky höweslendiriş çäreleri iş kesilenleriň özlerini alyyp baryşlary, zähmete bolan gatnaşygy göz öňünde tutulyp düzediş edarasynyň bir görnüşinden beýleki bir görnüşine geçirilýär. Iş kesilenleriň hemmesi babatynda bu höweslendiriş çäreleri ulanylmaýar.

Höweslendiriş çäreleriniň üçünji toparyna şular degişlidir:

❖ Özlerini göreldeli alyp barmagy hem-de zähmete we okuwa ak ýürekden garamagy bilen özleriniň düzelndiklerini subut eden adamlar kanunda bellenilen tertipde möhletinden öň şertli boşadylmaga ýa-da jezanyň çekilip gutarylmadyk bölegini has ýeňil jeza bilen çalşyrylmagy;

❖ Iş kesileniň günäsiniň geçilmegi barada haýyşnama bildirilmegi.

## Jeza çäresini çekýän şahsyýetleriň hukuk ýagdaýy

**§1. Jeza çäresini çekýän şahsyýetleriň hukuk ýagdaýy barada düşünje.**

**§2. Iş kesilenleriň umumy hukuklary we borçlary.**

**§3. Iş kesilenleriň hukuk ýagdaýynyň mazmuny barada düşünje.**

Jeza çäresi ýerine ýetirilende ýüze çykýan hukuk gatnaşygynyň çygryna düşýän şahhsyýetler anyk kesgitlenen hukuk ýagdaýa eýedirler. Jeza çäresi ýerine ýetirilende ýüze çykýan hukuk gatnaşygyna iş kesilenler, jezany ýerine ýetirýän düzediş-zähmet edaralarynyň we organlaryň işgärleri, iş kesilenleriň ýakyn hossarlary gatnaşýan hem bolsa, olaryň içinde iş kesilenleriň hukuk ýagdaýyna aýratyn üns berilmelidir. Türkmenistanyň Esasy kanuny bolan Konstitusiýanyň 3-nji maddasynda şeýle bellenilýär:

Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr.

Döwlet her bir raýatyň öňünde jogapkärdir we şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, at-abraýyny, mertebesini we azatlygyny, şahsy eldegirilmesizligini, tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar.

Jeza çäresini çekýän şahsyýet hem Türkmenistan döwletiň raýaty bolmak bilen esasy kanunnda bellenen

hukuklara we azatlyklara eýedir. Bu bolsa esasy kanunda bellenen hukuklaryň we azatlykklaryň çäklendirilmegi bilen bagly iş kesilenleriň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän hukuknamalara aýratyn ünsli seretmeklige sebäp bolýar. Şeýlelikde iş kesilenleriň hukuk ýagdaýynyň kesgitlenmegi bilen jezany ýerine ýetirýän düzediş-zähmet edaralarynyň we organlaryň işgärleriniň işiniň çägini we gurluşyny kesgitleýär, bu bolsa jenaýat jezallary ýerine ýetirilende işgärleriň kanuna laýyklykda öz işlerini ýerine ýetirmeklerine kepil geçýär.

Iş kesilenleriň düzediş-zähmmet edaralarynda tertip-düzgün kadalary berjaý etmmek bilen baglly öz üstlerine ýüklenen borçlaryny ýerine ýetirmekleri we kanun tarapyndan berilen hukuklaryndan peýdalanmaklary jezany çekmegiň hukuk düzgüniniň bellenilişi ýaly, ýagny jezanyň maksady bolan – iş kesilenleriň düzelmeklerine ýardam edýär.

Iş kesilenleriň hukuk ýagdaýynyň anyk kesgitlenilmegi olaryň hukuk we ahlak taýdan terbiýelenmegi, kanuna we beýleki şahslaryň kanuny bähbitlerine hormat goýmaklarynda esasy gural bolup hyzmat edýär. Jeza çäresini çekýän şahslaryň hukuk ýagdaýy baradaky institutyň hukuk ähmmiýeti ulydyr. Ol diňe bir hukuk goraýjy edaralaryň işiniň mazmuny bolup durman şol institutyň kämilleşmegine halkara guramalarynyň gatnaşmagy onyň aýratyn üns merkezinde saklanylmagyna sebäp bolýar. Türkmenistan özüniň

garaşsyzlygyna eýe bolan ilkinji gününden başlap iş kesilenleriň hukuk ýagdaýy bilen bagly birnäçe halkara konwensiýalaryna, şertnamalaryna, ylalaşyklaryna goşuldy we şu meselede özüniň halkara abraýyny has hem artdyrdy.

Iş kesilenler düzediş-zähmet edarasynyň görnüşine baglylykda hukuk pudagynyň dürli ugurlary bilen bagly hukuk gatnaşyklarynyň subýekti bolup durýarlar. Şular ýaly hukuk gatnaşyklarynyň subýekti bolmak bilen baglylykda hem iş kesilenleriň ýörite hukuklary, kanuny bähbitleri we borçlary ýüze çykýar. Bularyň döremegi bolsa jemgyýet üçin howply etmişi eden şahsyýete kazyýet tarapynndan jenaýat jezasynyň bellenmegi bilen baglydyr, bu bolsa arassa jemgyýetçilik durmuşynyň dowam etmekligi üçin gorag serişdesidir.

Jeza – bu döwlet tarapyndan bellenilýän mejbur ediş çäresiniň biri bolup günäkäri kanunda göz öňünde tutulan hukuklaryndan mahrum edýär ýa-da şol hukuklaryny çäklendirýär we günäkäriň düzelmegini maksat edinýär, şeýle hem iş kesilen tarapyndan we beýleki adamlar tarapyndan geljekde jenaýatyň edilmeginiň öňüni almaga mümkinçilik berýär. Mundan başgada döwlet tarapyndan mejbur etmeklik iş kesilenlere düzediş-zähmet häsiýetli çäre ulanmak bilen jezany çekmekligiň ýörite düzgünlilik we tertiplilik häsiýeti emele getirýär.

Hukuk düzgüninde döwlet tarapyndan mejburylyk adamyň we raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirmek görnüşinde häsiýetlendirilýär. Mysal üçin

azatlykdan mahrum etmek görnüşinde jeza çäresi bellenen iş kesilenleriň – erkin hereket etmek, ýaşaýyş ýerini we bolýan ýerini saýlap almak, düzediş işlerinde işlemek görnüşinde jeza çäresi bellenen iş kesilenleriň – erkin iş ýerlerini saýlap almak hukuklary çäklendirilýär.

Iş kesilenleriň hukuk ýagdaýynyň mazmuny – bu jeza çäresini çekýän döwründe onuň ýagdaýyny kesgitleýän hukuk serişdeleriň jemidir. Gysgaça aýdanyňda jeza çäresini çekýän iş kesileniň hukuk ýagdaýynyň mazmunyny onuň Düzediş zähmet kodeksinde göz öňünde tutulan hukuklary, kanuny bähbitleri we borçlary düzýär.

Jeza çäresini çekýän şahslaryň hukuk ýagdaýynyň mazmunyna iş kesilenleriň hukuklary, kanuny bähbitleri we borçlary girýär. Olar düzgün bolşy ýaly düzediş-zähmet hukuk gatnaşygynyň çäginde döreýär we durmuşa geçirilýär. Iş kesilenleriň hukuklary, kanuny bähbitleri we borçlary konstitusiýa, dolandyryş, raýat we beýleki hukuk pudaklarynyň kadalary bilen düzgünleşdirilýän hukuk gatnaşyklarynyň netijesinde hem döräp bilýär. Iş kesilenleriň hukuk ýagdaýynyň mazmunynyň özbäşdak elementini olaryň hukuklary, kanuny bähbitleri we bborçlary düzýärler hem-de öz gezeginde sosial maksady, esasy we mazmuny boýunça häsiýetlendirilýär.

Iş kesilenleriň hukuklarynyň sosial hukuk manysy jeza ýerine ýetirilende kanunylyk düzgüniň berkleşdirilmegini aňladýar. Iş kesilenleriň hukuklarynyň maddy, syýasy, ideologik we guramaçylyk taýdan kepil geçilmegi iş

kesileniň şahsyýet hökmünde kemala gelmegine we ahyrky netijede onuň düzelmegine ýardam edýär.

Iş kesilenleriň hukuklarynyň esasy – bu ygtyýarly şahsa kesgitlenen hereketleri etmäge sosial gymmatlyklardan peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Bu mümkinçiliklerden peýdalanmagyň derejesi we şol bir wagtda iş kesilenleriň kanunda bellenen borçlarynyň derejesi we kanuny bähbitleri olaryň subýektiw hukuklarynyň mazmuny bilen kesgitlenilýär.

Subýektiw hukuklaryň mazmunyny şu aşakdakylar düzýärler:

1. Iş kesileniň hukuk taýdan kesgitlenen tertipde we möçberde sosial eşretlerden (iýmitden, egin-eşikden) peýdalanmaga bolan mümkinçiligi;

2. Kazyýet tarapyndan kesgitlenen jenaýat jezasyny ýerine ýetirýän edaranyň we organyň işgärlerinden, düzediş-zähmet we beýleki hukuk gatnaşygynyň beýleki subýektlerinden kanunda bellenen borçlaryny ýerine ýetirmeklerini iş kesilenleriň talap etmäge bolan mümkinçiligi;

3. Zerurlyk ýüze çykan halatynda iş kesilenler özleriniň subýektiw hukuklarynyň goralmagyny talap etmäge bolan mümkinçilikleri düzýärler.

Ýokarda bellenilenler esasynda we Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda raýatyň hukuklarynyň we

azatlygynyň goraglylygy döwlet tarapyndan kepillendirilýär. Şu ýörelgeden ugur alsak iş kesilenleriň hukuklarynyň goragy prokuror gözegçiliginiň, kazyýetiň, jemgyýetçilik guramalarynyň kömegi bilen durmuşa geçirilýär.

Iş kesilenleriň kanuny bähbitlerine jezany çekýän şahslaryň hukuk ýagdaýynyň bir bölegi höküminde seretmek bolar. Iş kesilenleriň kanuny bähbitleriniň mazmuny şu aşakdaky böleklerden ybarat:

Birinji bölek – bu iş kesilenler maddy hem-de ruhy eşretlerden peýdalanmak isleýişleri ýaly sosial eşretlerden hem peýdalanmaga ymtylýarlar (azatlykdan mahrum ediş ýerleriniň daşyna çykmaga bolan mümkinçilik).

Sosial eşretler bu kanuny bähbitleriň obýekti bolmak bilen iş kesilenleriň hukuk ýagdaýynyň düýpli üýtgemegine getirip bilýär (mysal üçin zatlykdan mahrum edilen iş kesilenleri düzediş edarasynyň görnüşi bilen baglylykda saklamaklygyň gowulandyrylan şertlerine geçirmek ýa-da ýapyk görnüşdäki düzediş-zähmet edarasyndan koloniýa-poseleniýalara geçirmek).

Iş kesilenleriň kanuny bähbitleriniň obýektini emele getirýän maddy we ruhy gymmatlyklar düzediş-zähmet hukuk kadasynda maksat hökmünde görkezilen, şol maksada ýetmeklik üçin bolsa anyk kesgitlenen ýuridiki faktyň bolmagy zerurdyr. Ýöne birnäçe kanuny bähbitleriň durmuşa geçirilmegi üçin iş kesilenleriň hereketleriniň kanunalaýyklygyny kesgitlemeklik bolsa jezany ýerine

ýetirýän edaranyň şoňa ygtyýarly işgärleri, prokuratura, kazyýet, gözegçilik toparlary, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işi baradaky toparyň we beýleki düzediş-zähmet hukuk gatnaşygynyň subýektleri tarapyndan amala aşyrylýar. Şuňa laýyklykda iş kesilenleriň kanuny bähbitleriniň mazmunynyň ikinji bölegi hököminde ýokarda görkezilen ygtyýarly subýektlere we hukuk gatnaşygyna gatnaşýan beýleki gatnaşyjylara iş kesilenleriň öz kanuny bähbitlerini durmuşa geçirmeklige mümkinçilik berilmegine haýyşnama getirip bilmekliklerine düşünilýär.

Iş kesileniň kanuny bähbitleriniň mazmunynyň üçünji bölegi hököminde kanuny bähbitleriniň goralmmagyny talap edip ygyýarly organlara ýüz tutup bilýänligine aýdylýar. Iş kesilenleriň şular ýaly talaplary şol talaplara seredýän subýektler tarapyndan hökmany ýerine ýetirilmelidigini aňlatmaýan hem bolsa olaryň kanuny bähbitleri we subýektiw hukuklarynyň goraglylygy döwlet tarapyndan kepillendirilýändigini görkezýär.

Iş kesilen adamlar hökümiň kanuna güýje giren gününden ýa-da onuň ýerine ýetirilmäge başlan gününden on günden gijä galman, jezany geçirilmäge iberilýär. Deslap tussag ediiş ýeriniň administrasyýasy iş kesileniň jezasyny geçirmek üçin nirä iberilýändigini onuň ýakyn garyndaşyna mälim etmäge borçludyr (Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 14-nji maddasy). Düzediş-zähmet edarasynyň administrasyýasy hökümiň ýerine ýetirilendigi hakynda we iş kesileniň jezasyny çekýän ýeri

hakynda hökümi çykaran kazyýete haýal etmän berýär (Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 17-nji maddasy).

Iş kesilenleri aýry-aýrylykda saklamak.

Düzediş-zähmet edaralarynda erkekleri we aýallary,, kemala gelmedikleri hem-de ululary aýry-aýrylykda saklamak düzgüni bellenilýär.

Ilkinji gezek iş kesilen erkek adamlar azatlykdan mahrumm edilmek jezasyny ozal geçirip gelenlerden aýry saklanýar, agyr bolmadyk jenaýatlar üçin ilkiji gezek iş kesilenler we agyr jenaýatlar üçin ilkinji gezek iş kesilenlerden aýry saklanylýar, iş kesilen aýallar we kemala gelmedikler aýry saklanýar.

Beýleki iş kesilenlerden şu aşakdakylar üzňe, şonuň ýalyy-da aýry saklanylýar: döwlete garşy aýratyn howply jenaýatlar edenligi üçin iş kesilenler; aýratyn howply residiwistler. Iş kesilen daşary ýurt raýatlary we belli raýatlygy bolmadyk adamlar kada hökmünde, Türkmenistanyň iş kesilenn raýatlaryndan aýry saklanylýar.

Seresapsyzlyk sebäpli jenaýat eden adamlar niýetlenen koloniýa-poseleniýelere kazyýetiň hökümine laýyklykda iberilen iş kesilen adamlar, bilkastlaýýyn jenaýat eden adamlar niýetlenen koloniýa-poseleniyalara kazyýetiň hökümine laýyklykda iberilen adamlar we höweslendiriş çäre tertipde koloniýa-poseleniýalara geçirilen adamlar aýry, dürli koloniýalarda-poseleniýalarda aýry saklanylýar

(Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 18-nji we 65-nji maddalary).

Azatlykdan mahrum ediliş ýerindäki umumy düzgünleri.

Azatlykdan mahrum ediliş ýerlerindäki düzgüniň esasy talaplary iş kesilenleriň täze jenaýatlar etmek ýa-da jemgyýete garşy beýleki etmişleri etmek mümkinçiligine ýol bermezlik üçin, olary hökmany suratda üzňelikde saklamakdan we olara mydama gözegçilik etmekden, olaryň öz borçlaryyny takyk we gyşarnyksyz ýerine ýetirmeginden, iş kesileniň eden jenaýatynyň häsyýetien we şonuň jemgyýet üçin howplulyk derejesine hem-de onuň şahsyýetien we özüni alyp barşyna baglylykda ony dürli şertlerde saklamakdan ybaratdyr.

Iş kesilenler umumy ýaşaýyş jaýlarynda saklanylýar, olar ýeke-täk nusgada geýim geýýärler, düzediş-zähmet edaralarynyň içerki düzgün–tertip kadalaryna laýyklykda koloniýanyň çäklerinde gezip bilerler, olaryň ýany dökülip biliner. Iş kesileniň ýanyny döký än adamlar ýany dökülýän adam bilen bbirmeňzeş jynsda bolmalydyr. Iş kesilenleriň hat-habarlary senzuradan geçirilýär, ýollamalar, ugratmalar we gowşurmalar bolsa gözden geçirilýär.

Zerur halatlarda düzediş-zähmet koloniýasynyň administrasiýasy düzediş-zähmet edarasyna girýän we ondan çykýan adamlaryň goşlaryny we eşiklerini gözden geçirmäge haklydyr.

Aýratyn düzgünli düzediş-zähmet koloniýalarynda jeza çekýän iş kesilenler kamera hilli jaýlarda ýa-da adaty ýaşaýyş jaýlarda saklanylýarlar we ýörite nusgada geýim geýýärler. Kamera görnüşli jaýlarda aýratyn howply residiwistler saklanýarlar. (Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 41-nji maddasy)

**Gün tertibi.**

Düzediş-zähmet edaralarynda berk kadalaşdyrylýan içerki düzgün-tertip bellenilýär (Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 41-nji maddasy). Iş kesilenler üçin gün tertibi olaryň gije-gündiziň dowamynda berk kadalaşdyrylýan tertibini göz öňünde tutmalydyr hem-de iş wagtyny, dynç almak wagtyny, okuw wagtyny we syýasy terbiýeçilik çärelerini geçirmekk wagtyny öz içine almalydyr. Iş kesilenler üçin gün tertibi Türkmenistanyň Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksine laýyklykda we düzediş-zähmet edarasynyň başlygy tarapyndan bellenilýär we iş kesilenlere mälim edilýär (Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 42-nji maddasy).

**Maddy – durmuş taýdan üpçünçilik.**

Azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde jezasyny çekýän adamlar sanitariýa we gigiýena kadalaryna laýyk gelýän zerur ýaşaýyş jaý-durmuş şertleri bilen üpjün edilýär. Iş kesilenn her bir adam üçin düzediş-zähmet koloniýalarynda we türmelerde ýaşaýyş jaý meýdanynyň normasy 2 kw metrden, terbiýeleýiş-zähmet koloniýalarynda bolsa 2,5 kw metrden az bolmaly däl.

Iş kesilenlere ýatmak üçinn şahsy orun we ýorgan-düşek berilýär. Olar möwsüme laýyk gelýän we klimat şertlerini nazara alyp, geýim-gejim we aýakgap bilen üpçün edilýär.

Iş kesilenlere organizmiň kadally işlemegini üpçün edýän iýmit berilýär. Iýmitiň normalary düzediş-zähmet edarasynyň ýerleşýän ýerleriniň klimat şertlerine, iş kesilenleriň ýerine ýetirýän işiniň häsýetine we olaryň zähmete garaýşyna baglylykda tapawutlanýar.

Göwreli aýallar, çaga emdirýän eneler, kemala gelmedikler üçin, şonuň ýalyda näsaglar üçin gowulandyrylan ýaşaýyş jaý-durmuş şertleri döredilýär we ýokarlandyrylan iýmit normalary bellenilýär. Lukmanlar toparynyň netijesi boýunça bu adamlara azyk önümini goşmaça ugratmalary we gowşurmalary almaga ygtyýar berlip bilner. (Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 74-nji maddasy).

## Medisina-sanitariýa taýdan üpçünçilik

Azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde zerur kesel bejeriş-profilaktiki edaralary gurulýar, ýokanç keselli iş kesilenleri bejermek we saklamak üçin – kesel bejeriş hukukly düzediş-zähmet edaralar gurulýär.

Azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde kesel bejeriş-profilaktiki iş we sanitariýa-epidemiýa garşy göreş işi saglygy saklaýyş hakyndaky kanunlara laýyklykda guralýar we geçirilýär.

Düzediş-zähmet koloniýalarynyň ýanynda, zerur bolan mahalynda bäbekler öýi gurulýar. Iş kesilenler özleriniň iki ýaşa çenli çagalaryny bäbekler öýüne ýerleşdirip bilerler. Iki ýaşynyy doldurandan soň iş kesilenleriň çagalary degişli çagalar edaralaryna iberilýär ýa-da iş kesilenleriň dogan garyndaşlaryna, ýa bolmasa beýleki adamlara Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksinde bellenen tertipde berilýär (Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 75-nji maddasy).

Jeza çekýän wagtynda işe ýarawlylygyny ýitiren adamlaryň pensiýa üpçünçiligi:

Azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezany çekýäm wagtynda işe ýarawlylygy ýitiren adamlar, jeza çekmekden boşadylandan soň, kanunlarda bellenen halatlarda we tertipde olaryň pensiýa almaga we özüne ýeten zyýany töletmäge haky bardyr (Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 56-njy maddasy).

## Dogan garyndaşlary bilen we beýleki admlar bilen görme-görşi

Iş kesilenlere indiki görme-görşiň görnüşlerine ygtyýär berilýär:

- Dört sagada çenli bolan gysga möhletli;
- Üç gije-gündize çenli uzak möhletli.

Dogan garyndaşlary ýa-da beýleki adamlar bilen gysga möhletli görme-görşe düzediş zähmet edarasynyň wekiliniň bolmagynda ygtyýar berilýär.

Uzak möhletli görme görşe, bile ýaşamaga, özi-de diňe ýakyn garyndaşlary (aýaly ýa äri, ata-enesi, çagalary, perzentlige alnanlar, süýtdeş doganlary we uýalary, atasy-babasy, enesi-mamasy, agtyklary) bilen ýaşamak hukugy bilen bilelikde ygtyýar berilýär.

Görme-görüşleriň sany we görnüşleri düzediş edaranyň we jeza geçirmegiň düzgüniniň görnüşleri bilen baglylykda bellenilýär.

Berk düzgünli türmelerde saklanylýan iş kesilenlere görme-görüş üçin ygtyýar berilmeýär.

Iş kesilen özüniň janyna howp salýan agyr kesel bilen kesellän mahalynda düzediş-zähmet edarasynyň başlygy näsagyň ýanyna barmaga iş kesileniň ýakyn garyndaşlaryna mümkinçilik berýär.

Görme-görüşleriň tertibi düzediş-zähmet edaralarynyň içerki düzgün-tertip kadalary arkaly bellenilýär (Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 45-nji maddasy).

## Azatlykdan mahrum ediliş ýerleriniň çäklerinden wagtlyk gitmek

Aýratyn şahsy ýagdaýlar sebäpli: ýakyn kowum-garyndaşynyň ölmegi ýa-da keseliniň janyna howp salýan derejede kesellemegi sebäpli, iş kesilene ýa-da onuň maşgalasyna ep-esli maddy zyýan ýetiren tebigy bela zerarly umumy düzgünli düzediş-zähmet koloniýalarynda, koloniýa-poseleniýalaryň ähli görnüşlerinde we terbiýeçilik

zähmet koloniýalarynda saklanylýan iş kesilenlere azatlykdan mahrum ediliş ýerleriniň çäklerinden ýedi günden köp bolmadyk möhlet bilen gysga wagtlyk gitmäge rugsat berlip bilner, şunda gidilýän ýere barmak we ol ýerden gaýdyp gelmek üçin zerur bolan wagt (bäş günden köp bolmadyk wagt) göz öňünde tutulmaýar.

Gysga wagtlyk gitmäge berilýän rugsat iş kesileniň şahsyýeti we özüni alyp barşy nazarda tutulyp, prokuror bilrn ylalaşmak esasynda düzediş zähmet edarasynyň başlygy tarapyndan berilýär. Iş kesileniň düzediş zähmet edarasynyň çäklerinden daşynda bolan wagty jeza geçirmek möhletine goşulýar. Iş kesileniň gidip gelmegi üçin ýol puly onuň hut özi tarapyndan ýa-da onuň kowum-garyndaşlary tarapyndan tölenilýär. Iş kesileniň düzediş zähmet edarasynyň çäklerinden daşarda bolan wagty üçin oňa hak (gazanç) ýazylmaýar (Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 45-nji maddasy).

## Ugratmalaryň, gowşurmalaryň, ýollamlaryň almagy.

Düzediş-zähmet koloniýalarynda saklanylýan iş kesilenlere jeza möhletiniň ýarysyny geçirenden soň, ýylda üçe çenli ugratma ýa-da gowşurma almaga ygtyýary bar. Jezany terbiýeleýiş-zähmet koloniýalarynda çekýän iş kesilenlere ýylda alta çenli ugratma ýa-da gowşurma almaga ygtyýar berilýär.

Ugratmalaryň we gowşurmalaryň sany düzediş edaranyň görnüşi we jeza geçirmegiň düzgüniň görnäşi bilen baglylykda bellenilýär.

Bir ugratmanyň we gowşurmanyň agramy bäş kilogramdan agyr bolmaly däl.

Iş kesilip azatlykdan mahrum edilmek jeza çäresini türmelerde geçirýänleriň ugratmalary we gowşurmalary almaga ygtyýar berilmeýär.

Koloniýanyň stasionar kesel bejeriş edaralarynda keselini bejerdýän iş kesilenler kazyýet tarapyndan olara bellenilen görnüşindäki düzgüniň normalary boýunça ugratmalar, gowşurmalar we ýollamlar alýarlar.

Iş kesilenlere düzgüniň haýsy görnüşiniň bellenilendigine garamazdan olaryň ýylda köp bolsa iki ýollam almagyna ygtyýar berilýär.

Iş kesilenleriň düzediş-zähmet koloniýalarynda-poseleniýelrinde alýan ugratmalarynyň, gowşurmalarynyň we ýollamlarynyň sany çäklemdirilmeýär.

Ugratmalaryň, gowşurmalaryň we ýollamlaryň kabul etmegiň we olary iş kesilenlere gowşurmagyň tertibi, şonuň ýaly-da iş kesilenleriň almagy gadagan edilen zatlaryň sanawy düzediş-zähmet edaralarynyňiçerki düzgün-tertip kadalaryarkaly bellenilýär (Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 46-njy maddasy).

## Türkmenistanyň düzediş edaralary we düzediş zähmet täsir ediş bilen bileleşdirilen jezalary ýerine ýetirýän döwlet edaralary

**§1. Jezany ýerine ýetirýän döwlet edaralary barada düşünje**

**§2. Düzediş koloniýalary iş aýratynlyklary.**

**§3. Düzediş koloniýalarynda düzediş jezalarynyň ulanylyşynyň. manysy.**

**§4. Jezany ýerine ýetirmek we mejbury täsir ediş çäresini ulanmak.**

Türkmenistanyň düzediş zähmet kodeksiniň 5-nji maddasyna laýyklykda azatlykdan mahrum etmek, belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek we azatlykdan mahrum etmezden düzediş işlerinde işletmek barada kazyýetiň hökümlerini Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň düzediş-zähmet edaralary ýerine ýetirýärler.

Düzediş zähmet edaralary Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi tarapyndan guralýar we ýatyrylýarlar.

Türkmenistanyň düzediş zähmet kodeksiniň 12-nji maddasyna laýyklykda düzediş zähmet edaralarynyň aşakdaky görnüşleri bar: **düzediş koloniýalary, türmeler we terbiýeçilik koloniýalary.**

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 18-nji mmaddasy adamyň hukuklarynnyň eldegirilmezligi, we olary elinden alybam bolmazlygyny yglan edýär. Adam haýsydyr bir hukugyndan we azatlygyndan mahrum edilse-de, diňe Konstitusiýa we kanuna laýyk gelýän mahalynda mahrum edilip bilýär. Konstitusiýanyň 23-nji maddasyna laýyklykda adama iş kesmäge we jeza bellemäge diňe kanuna laýyk gelýän mahalynda ýol berilýär. Güýjüne girenn kazyýetiň hökümi aäzatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza geçirmegiň ýeke-täk esasydyr. Azatlykdan mahrum etmek görnüşindüki jeza möhletini geçirýän ädamlar Türkmenistanyň 1971-nji ýylyň 30-njy iýulynda kabul edilen Düzediş-zähmet kodeksine (soňky girizilen üýtgemeler bilen) laýyklykda hukuklaryndan peýýdalanýarlar we borçlaryny alyp barýarlar. Olaryň hukuklary kazyýetiň höküminiň we düzdeiş-zähmet kodeksiniň jeza möhletini geçirmek üçin bellenen düzgüniň esaslarynda çäklendirilýär.

Tussag astyna alynnan ähli adamlaryň, tussagyň görnüşine garamazdan, ynsanperwerçilikli çemeleşmä we ynsan şahsyýetine mahsus bolan mertebesiniň hormatlanylmagynna haky bar. Şeýlelikde, Türkmenistanyň Düzediş-zähmet kodeksiniň 1-njji maddasynyň 2-nji bölegi belleýär: “berilen jezanyň ýerine ýetirilmegi fiziki taýdan gynamagy ýa-da adm mertebesini kemsitmegi maksat edinmeýär.”

Kazyýetleriň çykaran hökümlerini ýerine ýetirýän iş kesilenleriň jeza çekýän düzediş-zähmet edaralarynyň bütin işi kanunlaryň pugta berjaý edilmeginde esaslanýar. Şol edaralaryň wezipeli adamlary şolaryň işinde kanunçylygyň üpjün edilmegi üçin jogapkärçilik çekýärler (Türkmenistanyň düzediş zähmet kodeksiniň 10-njy maddasy).

Hökümler ýerine ýetirilen m,ahalynda kanunlaryň takyk berjaý edilişine gözegçilik “Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda” Kanuna laýyklykda Türkmenistanyň Baş prokurory we oňa tabyn prokurorlar tarapyndan amala aşyrylýar. Prokuror kanunlaryň ýerine ýetirlişine ýokary gözegçiligi dşwleyiň adyndan amala aşyrmak bilen kanunyň her bir bozulyşyny, onuň kim tarapyndan bozulandygyna garamazdan, ýüze çykarmak we öz wagtynda düzetmekk üçin, bozulan hukuklary dikeltmek we günäkärleri kanunda bellenen jogapkürçilige çekmek üçin çärelerr görmäge borçlydyr. Düzediş-zähmet edaralarynyň administrasiýasy jeza çekmek baradaky prokuroryň çykaran kararlaryyny we tekliplerini ýerine ýetirmäge borçlydyrlar. (Türkmenistanyň düzediş zähmet kodeksiniň 11-nji maddasy)

Öz gezeginde, jezasyny çekýän adamlar jezany ýerine ýetirmegiň tertibini we şertlerini kesgitleýän kanunlaryň talaplaryny gyşarnykksyz berjaýý etmäge borçlydyrlar (Türkmenistanyň düzediş zähmet kodeksiniň 10-njy maddasy).

**Düzediş koloniýalary şulardan ybarat:** umumy, berk we aýratyn düzgünli hem-de koloniýa-poseleniýalar.

Türmeler hem öz gezeginde iki hili düzgünli bolýarlar:

Umumy we berk düzgünli türmeler.

Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertibe laýyklykda Düzediş edarasynyň görnüşi bilen iş kesilenleriň goraglylygyny we üzňeligini, üstlerine ýüklenen borçlaryny ýerine ýetirmekligini, olaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini durmuşa geçirmekligi, iş kesilenleriň we olara gozegçiligi amala aşyrýanlaryň şahsy howpsuzlygyny üpjün edýän, dürli görnüşdäki iş kesilenleriň aýratyn saklanmagyny, kazyýet tarapyndan düzediş edarasynyň görnüşine baglylykda iş kesilenleri dürli şertlerde saklamaklyga ýardam edýär. Düzediş edarasynyň görnüşi iş kesilenleriň düzelmekleri üçin başga serişdeleriň ulanylmagyna hem şert döredýär.

Düzediş edarasynyň görnüşine baglylykda özüniň içerki guramaçylyk tertip düzgün kadalary bellenilýär we olary durmuşa geçirmegiň tertibi kesgitlenilýär.

Jezanyň mazmuny we esasy düzediş edarasynyň görnüşi bilen aňladylýar, onuň bilen jezalandyrmaklyk, ýagny iş kesileniň hukuklaryny çüklendirmeklik we duýdurmaklyk amala aşyrylýar. Şol bir wagtyň özünde düzediş edarasynyň görnüşi bilen jezany çekmeklik we jezany ýerine ýetirmeklik bilen bagly düzediş-zähmet hukuk gatnaşygyna gatnaşýan subbýektleriň we beýleki

gatnaşyjylarynyň özlerini alyp barmaklygyň düzgüni, olaryň hukuklary we borçlary kesgitlenilýär. Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda azatlykdan mahrum etmeklik bilenn bagly jeza çäresini ýerine ýetirýän edaranyň administrasiýasy iş kesilenlerden we beýleki düzediş-zähmet hukuk gatnaşygyna gatnaşýan beýleki şahslardan düzediş edarasnyň içerki tertip-düzgün kadalaryny we kanunda bellenen borçlaryny ýerine ýetirmeklerini talap etmäge hukugy bardyr.

Jezany ýerine ýetirmek bilen düzediş edarasnyň görnüşine degişli kadalar şu aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirmeklige gönükdirilen:

- Jezalandyryş
- Terbiýeleýiş
- Üpjün ediş
- Sosial gözegçiilik (profilaktiki)

Jezalandyryş wezipesi – iş kesilenleriň jezasyny çekýän döwründe dürli hukuk çäklendirmelerini bellemeklik bilen amala aşyrylýar.

Terbiýeleýiş wezipesi – dürli usullar arkaly durmuşa geçirilýär.

- Ilki bilen iş kesilenleri jezalandyrmak arkaly, çünki mejbur etmeklik adamyny terbiýeleýär, tertip-düzgüni we

jezany çekmeklik bilen bagly beýleki düzgünleri berjaý etmekligi öwredýär;

•Jezalandyrmak bilen bagly bolmadyk tertip-düzgün kadalaryny bellemeklik bilen (iş wagty, dynç alyş wagty, düzediş edarasynyň işgärleri bilen aragatnaşyk saklananda özüňi alyp barmaklyggyň kadalary;

•Terbiýeleýiş täsirli serişdeleri ulanmak bilen bagly hökmany bolan hukuk düzgünleri döretmek bilen

Üpjün ediş wezipesi – Iş kesilenleriň düzelmekligi mejbury häsiýete eýe bolanlygy üçin olaryň düzelmekligine täsir edýän terbiýeleýiş we öňüni alyş (profilaktiki) çäreleriniň toplumlaýyn ulanylmagy bilen gazanylýar. Düzediş edarasynyň görnüşiniň talabyna laýyklykda iş kesilenleri zähmete çekmekligiň we zähmeti gurnamaklygyň tertibi, umumybilim berýän okuw sapaklarynyň geçirilmeginiň we hünär taýýarlygyny geçirmekligiň, medeni-köpçülikleýin we sport-sagaldyş çäreleriniň geçirilmeginiň tertibini kesgitleýär.

Sosial gözegçilik (profilaktiki) wezipesi bu – düzediş edarasynyň we oňa degişli bolan beýleki obýektlerde, şeýle hem düzeediş edarasynyň golaýyndaky ýerlerde iş kesilenler we beýleki şahslar tarapyndan jenaýat edilmeginiň we beýleki hukuk bozulmalarynyň öňüni almmakdan ybaratdyr. Bu bolsa öz gezeginde ýerine ýetirmesi kyn hem köpdürli wezipedir.

Düzediş edarasynyň görnüşi bilen baglylykda tertip-düzgüni saklamaklyk üçinn tehniki serişdeler ulanylýar. Türkmenistanyň düzediş-zähmet kodeksiniň 81-nji maddasyna laýyklykda eger azatlykdan mahrum edilen adamlar düzediş-zähmet edaralarynyň işgärlerine fiziki taýdan garşylyk görkezse, bulagaýlyk etse ýa-da başga zorlukly hereketlere ýüz ursa, onda olaryň töwerekdäkilere ýa-da öz-özlerine zyýan ýetirmeginiň öňüni almak maksady bilen, olar barada goşar gandalynyň ýa-da köşeşdiriji köýnekleriň ulanylmagyna ýol berilýändigi bellenen. Iş kesilenleriň garşysyna fiziki güýç, ýörite serişdeler ýa-da ýarag ulanylan wagtynda düzediş edarasynyň işgäri bu barada iş kesilene duýdurmalydyr we ondan edilýän talaby ýerine ýetirmegi üçin ýeterlik wagt bermelidir, ýöne duýdurmaklyk ýerliksiz bolup tehniki serişdeleriň ulanylmagy gijikdirilse agyr netijelere ýüze çykjakdygy äşgär görünip duran bolsa onda kadadan çykma yagdaý hökmünde tehniki serişdeleri duýdurman ulanmaklyga hem ýol berilýär. Şular ýaly ýagdaýda düzediş edarasynyň işgäri iş kesilene ýetirýän zyýanyň mümkin boldugyça az bolmaklygy üçin ähli çäreleri görmelidir zerur bolan halatynda medisina kömeginiň berilmegini gurnamalydyr we fiziki guýjiň, ýörete serişdeleriň we ýaragyň ulanylandygy barada düzediş edarasynyň ýolbaşçysyna habar bermäge borçlydyr. Eger ulanylan tehniki serişdeler iş kesileniň ýaralanmagyna ýa-da ölmegine getiren bolsa onda onda düzediş edarasynyň

ýolbaşçysy bu barada prokurora habar berýär. Düzediş edarasynyň kanuny talabyny ýýerine ýetirmeklik başga serişdeleriň kömegi bilen ýerine ýetirip bolmadyk halatynda iň soňky serişde hökmünde fiziki güýji, ýörite serişdeleri we ýarag ulanmaklyga ygtyýar berilýär.

Ot açýan ýaraglar düzediş zähmet edarasynyň işgärleriniň we beýleki raýatlaryň jany we saglygy üçin howply bolan çozuşyň öňüni almaklyk, girewe alynanlary boşatmaklyk ýa—da düzediş edarasynyň administrasiýasyna ýaragly garşylyk görkezýän şahslary tutup saklamaklyk üçin ulanylýar. Türkmenistanyň Düzediş-zähmet kodeksiniň 82-nji maddasyna baglylykda ýarag ulanmaklyk üçin esaslar bellenilýär: “Azatlykdan mahrum edilen adam düzediş-zähmet edaralarynyň işgärleriniň ýa-da beýleki adamalaryň üstüne hüjüm edip, olaryň janyna gös-göni howp salýan mahalynda, şonuň ýalyda saklaw astyndan gaçan mahalynda, ýokarda görkezilen hereketleriň başga çäreler arkaly öňüni almak mümkin bolmasa, onda aýratyn çäre hökmünde ýarag ulanmaga ýol berilýär. Aýallar we kemala gelmedikler gaçan mahalynda ýarag ulanylmagyna ýol berilmeýär.

Ýarag ulanmagyň her bir halaty hakynda azatlykdan mahrum ediliş ýeriniň administrasiýasy prokurora derrew habar bermäge borçludyr”.

Iş kesilene jeza çäresini belleýän, kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi, karary we kesgitnamasy döwlet edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, edara görnüşindäki taraplaryň, wezipeli adamlaryň, raýatlaryň hemmesi üçin hökmanydyr we Türkmenistanyň ähli çäklerinde gyşarnyksyz ýerine ýetirilmelidir (Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 473-nji maddasy).

Jezanyň esasy hem mazmuny döwlet tarapyndan berilýän temmi çäresi bolmak bilen onuň ýerine ýetirilmegi ýörite kanun bilen düzgünleşdirilýän jenaýat-düzediş hukuk kadalaryny ulanyp, iş kesileniň hukuklarynyň we azatlygynyň çäklendirilmegi bilen durmuşa geçirilýýär. Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 2-nji maddasynda bellenişine görä döwlet tarapyndan berilen temmmi çäräni ýerine ýetirmek bilen bagly iki düşünje berilen, ýagny berilen jezany ýerine ýetirmek we berilen jezany çekmek ýaly adalgalar bilelikde ulanylýar. Görkezilen adalgalar iş kesilenlere berilen jeza çäresini amala aşyrmakda bir prosesi ýerine ýetirýärler, ýöne olar düzediş-zähmet hukuk gatnaşygyna gatnaşýan dürli subýektlere gönükdirilen.

Jezany ýerine ýetirmek adalgasy, kazyýetiň hökümінde görkezilen jezanyň çäginde, görkezilen möhletde iş kesilenlere berilýän hukuklary we borçlary olar tarapyndan ýerine ýetirilişine gözegçilligi amala aşyrýan

organlar öz professional borçlaryny ýerine ýetirenlerinde ulanylýar.

Jeza çäresini çekmek adalgasy, azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki işkesilenlere gönükdirilip kazyýetiň hökümi esasynda düzediş zähmet kanunçylygynyň çäginnde şz üstlerine ýüklenen borçlary ýerine ýetirmek, kanun tarapyndan gadagan edilen hereketlerden saklanmak ýaly borçlar üstüne ýüklenen şahsyýetlere degişli.

Iş kesilenlere kazyýet tarapyndan bellenen jeza çäresini ýerine ýetirmek bilen bagly olary jezalandyryş häsiýetli täsir etmeler toplumlaýyn häsiýete eýe bolup hukuklary çäklendirmeler bilen bagly çäreleriň ählisi bir wagtyň özünde ulanylýar. Iş kesilenleriň hukuklarynyň çäklendirilmegi olara azap bermeklik maksada eýermän eýsem Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 41-nji maddasyna laýyklykda terbiýeleýiş häsiýete eýedir. Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 41-nji maddasynyň birinji böleginde şeýle bellenen: “azatlykdan mahrum ediliş ýýerlerindäki düzgüniň esasy talaplary iş kesilenleriň täze jenaýatlar etmek  ýa-da jemgyýete garşy beýleki etmişleri etmek mümkinçiligine ýol bermezlik üçin, olary hökmany suratda üzňelikde saklamakdan we olara mydama gözegçilik etmekden, olaryň öz borçlaryny takyk we gyşarnyksyz ýerine ýetirmeginden, iş kesileniň eden jenaýatynyň häsiýetine we şonuň jemgyýet üçin howplulyk derejesine hem-de onuň şahsyýetine we özüni alyp barşyna bagllyllykda ony dürli şertlerde saklamakdan ybaratdyr”.

Kanunyň şu maddasyndan görnüşine görä jemgyýet üçin hoply jenaýatçylykly etmişi eden şahsyň düzelmegi üçin döwlet tarapyndan ähli çäreler görülýär.

Kazyýetiň hökümi bilen bellenilen azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza çäresi ýerine ýetirilende iş kesileniň belli bir derejede ezýet çekmegine getirýär (ezýet çekmegine getirýär diýildigi – bu jezanyň maksady däl-de eýsem jezanyň ýerine ýetirilmegi bilen baglylykda iş kesileniň hukuklarynyň çäklendirilmegi bilen baglylykda erkin hereket edip bilmezligi, ýanyňda saklap bolýan predmetleriň çäkliligi (predmetleriň pereçeni Düzediş zähmet kodeksiniň 41-nji maddasyna laýyklykda düzediş-zähmet edaralarynyň içerki tertip-düzgün kadalaryna arkaly bellenilýär), gün tertibinde gije-gündiziň dowamynda berk reglamentirlenen tertibiniň göz öňünde tutulmagy bolup biler). Kazyýetiň hökümi bilen bellenen jeza çäresine laýyklykda düzediş-zähmet edaralary kanun arkaly özleriniň ýerine ýetirmekligine degişli edilen jeza çäreleriniň ýerine ýetirilmegini amala aşyrýarlar. Olara Türkemenistanyň Jenaýat kodeksiniň 44-nji maddasyna laýyklykda bellli bir ýerde ýaşamak borjuny üstüne ýüklemek, düzediş işlerinde işletmek, azatlykdan mahrum etmek ýaly jeza çäreleri degişlidir. Iş kesileniň çäklendirilen hukuklarynyň möçberi oňa bellenilen jezanyň görnüşine baglydyr.

Iş kesileniň düzelmegine täsir edýän şertleriň, şonuň ýaly-da çäklendirilen hukuklaryň toplumyna täsir edýän

zatlaryň biri hem jezany ýerine ýetirýän düzediş edaranyň görnüşine hem baglydyr. Azatlykdan mahrum edilip iş kesilenlere  düzediş edarasynyň görnüşiniň bellenilmegi Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 67-nji maddasyna laýyklykda kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar. Bu barada Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 13-nji maddasynde şeýle bellenilýär: «iş kesilenleriň jeza çekýän degişli düzgünli düzediş – zähmet edarasynyň görnüşi Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 67-nji maddasy esasynda kazyýet tarapyndan kesgitlenilýär.  Raýatlar we syýasy hukuklar hakyndaky halkara ylalaşygynda hem düzediş edarasynyň görnüşi barada bellenip geçilýär. “Azatlykdan mahrum edilen ähli adamlaryň ynsanperwerçilikli çemeleşmä we ynsan şahsyýetine mahsus bolan mertebesiniň hormatlanylmagyna hukugy bar.

a) Günä bildirilýänler, adatdan daşary ýagdaý bolmadyk halatynda iş kesilenlerden aýratynlykda ýerleşdirilýär we olara iş kesilmedik adamlaryň hukuk ýagdaýyna laýyk gelýän aýratyn düzgün üpjün edilýär.

b) Kämillik ýaşyna ýetmedik günä bildirilýänler kämillik ýäşynä ýetenlerden aýratyn saklanylýar we çözgüdiň çykarylmagy üçin kazyýete kazyýete örän gysga möhletde eltilýär.

Etmiş üçin jezalandyrmak tertibinde tussaglar barada düýpli maksady olaryň düzedilmeginden we jemgyýetçilik taýdan täzeden terbiýelenmeginden ybarat bolan düzgün

göz öňünde tutulýar. Hukuk tertibini bozan kämillik ýaşyna ýetmedik adamlar kämillik ýaşyna ýetenlerden aýry saklanylýar we olara ýaşyna we hukuk ýagdaýyna laýyk gelýän düzgün üpjün edilýär.” Halkara ylalaşygyň 10-njy maddasyndan görnüşine görä düzediş edarasynyň görnüşlere bölünmegine halkara derejede ahmiýet berilýändigi görünýär.

Jezanyň agyrlyk derejesine baglylykda düzediş edarasynyň görnüşi bellenilýür ol bolsa jezanyň aýratynlygyny görkezýär. Düzediş edarasynyň görnüşi bilen bagly düzgün azatlykdan mahrum ediş ýerlerinde doly amala aşyrylýar.

Düzediş edarasynyň görnüşi bilen baglylykda onuň içerki tertip-düzgün kadalary bellenilýär, bellenen tertip-düzgün kadalary diňe bir iş kesilenlere degişli bolman düzediş zähmet edarasyna gelýän beýleki şahslara, iş kesilenleriň hossarlaryna hem degişlidir. Görkezilen tertip – düzgün kadalaryna laýyklykda özüňi alyp barmaklyk ýeke-bir düzediş edarasynyň içinde bellenilmän, düzediş edarasynyň golaýynda ýerleşen oňa degişli edilen meýdançalarda hem özüňi alyp barmaklygyň ýörite kadalary bellenen. Azatlykdan mahrum etmek ggörnüşindäki jezany çekmek bilen bagly düzediş edarasynyň görnüşine baglylykda jeza bilen bir hatarda özüniň häsiýeti boýunça meňzeş hem bolsa mejbur ediş çäresi bilen bagly bolmadyk birnäçe elementler hem bar. Olara ýaşaýyş-durmuşyň tertip – düzgün kadalary

hökmünde seretmek bolar. Şeýlelikde içerki tertip-düzgün kadasyna laýyklykda iş kesilenlere zähmet-düzediş edarasynyň emlägini aýawly saklamak, ýaşaýan we iş ýerlerini arassa saklamak; arassaçylyk kadalaryny berjaý etmek we ş.m. bellenilýär. Sanalyp geçilen kadalar iş kesileniň haýsydyr bir hukuklaryny çäklendirmän ýaşaýyş durmuşyň ýönekeý şertleriniň biri bolup durýar we olara jezanyň bir elementi hökmünde seredilmeýär.

Düzediş edarasynyň görnüşlere (režim) bölünmeginiň birnäçe wezipesi bar, olar iş kesileni jezalandyrmak, terbiýelemek, goraglylyk we sosial tertip-düzgün kadasyny dikeltmek wezipelerdir.

Jezalandyrmak wezipesi iş kesilenler jezasyny çekýän döwründe olaryň hukuklarynyň çäklendirilmegi bilen amala aşyrylýar. Terbiýeleýiş wezipesi iş kesileniň hukularyny çäklendirip belli bir derejede jezalandyrmak arkaly iş ýüzüne geçirilýär. Düzediş edarasynyň görnüşi bilen bagly bellenen düzgünler iş kesilenleriň şol bellenen düzgünleri berjaý etmeklerine borçlandyrýar, bu bolsa belli bir derejede olara tertip-düzgüni berjaý etmek endiklerini öwredýär.

Düzediş edarasynyň görnüşiniň goraglylyk wezipesi hukuk serişdeleriniň kömegi bilen ýagny ýörite hukuk kadalaryny döretmek arkaly amala aşyrylýar, şolaryň kömegi bilen iş kesilenleri zähmete çekmek, ýörite erbiýeleýiş häsiýetli çäreleri geçirmek, umuy we ýörite bilimleri bermekligi gazanyp bolýar. Türkmenistanyň

Düzediş zähmet kodeksiniň 51-nji maddasynda bellenişine görä: „Iş kesilen her adam zähmet çekmäge borçludyr. Olaryň zähmeti iş kesilenleriň işe ýarawlylygy we mümkin boldugyça hünärini nazara alyp düzediş-zähmet edarasynyň administrasiýasy tarapyndan guralýar.“ Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 61-nji maddasyna laýyklykda iş kesilenleriň umumybilim okuwy höweslendirilýär. Şol kodeksiň 62-nji maddasyna laýyklykda bolsa düzediş-zähmet edarasynda hünäri bolmadyk iş kesilenler üçin hökmany tehniki-hünär taýýarlyk okuwy guralýar.

Düzediş edarasynyň görnüşine baglylykda durmuş tertip-düzgün kadasyny dikeltmek wezipesi iş kesilenleriň özlerini alyp baryşlaryny reglamentirlemek ýoly bilen amala aşyrylýar. Iş kesilenleriň hereketlerine, özlerini alyp baryşlaryna gözegçilik etmek arkaly olaryň garşysyna höweslendiriş ýa-da temmi beriş çäreleri ulanylýar. Iş kesilene bellenen temmi çäresi berk bolsa onda olar tarapyndan durmuş tertip-düzgün kadalary ýokary gyşarnyksyz berjaý edilýär. Bu wezipäniň durmuşa geçirilmegi bilen düzediş edarasynyň çäginde bellenen düzgüniň iş kesilenler tarapyndan bozulmaly däldigi duýdurylýar.

Iş kesilenlere azatlykdan mahrum etmek, düzediş işlerinde işletmek ýaly bellenen jeza çäreleri ýerine ýetirilende düzediş-zähmet taýdan täsir ediş çäreleri ulanylýar. Häzirki hereket edýän Düzediş zähmet kodeksinde düzediş-zähmet taýdan täsir ediş çäreleriniň

sanawy we olaryň nähili çärelerdigi baradaky düşünje berilmedik.

Düzediş-zähmet taýdan täsir ediş çäresi toplumlaýyn azatlykdan mahrum ediş jeza çäresi ýerine ýetirilende dolulygyna durmuşa geçirilýär. Düzediş-zähmet tadan täsir ediş çäreleri beýleki ýönekeý terbiýeçilik häsiýetli çärelerden özüniň obýekti bilen tapawutlanýar. Onuň obýekti hökmünde jemgyýete has howply bolan we ahlak taýdan pese düşen azatlykdan mahrum etmek görnüşinde jeza çäresi bellenen iş kesilenler bolup durýar. Obýektiň aýratynlygy, däzediş-zähmet taýdan täsir ediş çäresiniň gönükdirilen ugrunyň ýagny iş kesilen şahsyýetde adamkärçilikli häsiýetleri kemala getirmek we onuň düzelmegine ýardam edýänligi bilen tapawutlanýar.

Iş kesilenlere düzediş-zähmet taýdan täsir ediş çäresini ulnmaklyk üçin diňe kazyýetiň kanuny güýjüne giren hökümi esas bolup bilýär, bu barada Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 4-nji maddasynda bellenilip geçilen. Türkmenistanyň Düzediş zähmet kodeksiniň 5-nji maddasyna laýyklykda azatlykdan mahrum etmek, belli bir ýerde ýaşamak borjuny üstüne ýüklemek, azatlykdan mahrum etmän düzediş işlerinde işletmek barada kazylaryň çykaran hökümleri Türkmenistanyň Içeri Işler ministrliginiň düzediş-zähmet edaralary hem-de organlary tarapyndan ýerine ýetirilýär. Iş kesilenleriň düzelmekligi hem şol ygtyýarly organlaryň we edaralaryň üstüne ýüklenen. Düzediş-zähmet edaralary tarapyndan geçirilýän

terbiýeleýiş häsiýetli çärelere iş kesilenleriň gatnaşmaklary hökmanydyr. Düzediş zähmet taýdan täsir ediş çäreleri Düzediş-zähmet hukuk pdagy tarapyndan kesgitlenen hukuk kadalara laýyklykda durmuşa geçirilýär. Jezanyň ýerine ýetirilmegi we şol bir wagtda düzediş-zähmet taýdan täsir ediş çäreleriniň ulanylmagy iş kesileni jezalandyryş we terbiýeleýiş prosesi emele getirýär.

## Düzediş edaralarynda iş kesilenleriň zähmeti

**§1. Düzediş edaralarynda iş kesilenleriň zähmetiniň kadalary.**

**§2. Düzediş edaralarynda iş kesilenleriň zähmetiniň aýratynlyklary.**

**§3. Düzediş koloniýalarynda iş kesilenleriň zähmetini guramagyň görnüşleri.**

Jemgyýete peýdaly zähmet adamy düzetmek üçin esasy serişdeleriň biri bolup durýar.Şeýle hem zähmet beýleki terbiýeleýiş serişdelerini ulanmak bilen bilelikde terbiýelemegiň iň netijeli guraly hökmünde çykyş edýär.

Iş kesileniň zähmete bolan gatnaşygy- onuň düzelmeginiň esasy görkezijisidir.

Düzediş edaralarynyň bütin ulgamy zähmetiň terbiýeçilik wajyplygyna esaslanyp gurlandyr. Ýöne zähmet diňe bir terbiýeçilik maksatlary üçin ulanylman,

eýsem onuň ykdysady ähmiýeti hem wajypdyr, çünki iş kesilenleriň zähmeti netijesinde düzediş edaralarynyň material-tehniki üpjünçligi gowylanýar hem-de iş kesilenleriň özleriniň maddy zerurlyklary üpjün edilýär. Şol bir wagtyň özünde, iş kesilenleriň zähmeti olaryň ýa-da düzediş edarasynyň girdeji almaklaryny maksat edinmeli däl-de, iş kesilenleriň düzelmegini üpjün etmeklige gönükdirilen bolmaly.

Ýokarda agzalanlary nazarda tutup, iş kesilenleriň **zähmetiniň üç aýratynlygyny belläp geçmek bolar:**

-Düzediş edaralaryndaky zähmet jenaýat jeza çäresiniň ýöriteleşdirilen maksatlaryna ýetmegiň serişdesi, hususanda, ykdysady we durmuş maksatlary bilen bilelikde, iş kesilenleri düzetmegiň serişdesi hökmünde ulanylýar.

- Iş kesilenleriň zähmetiniň olaryň azatlykdan mahrum edilen şertlerde, ýagny jemgyýetden üzňe şertlerde we özleri ýaly iş kesilenleriň arasynda alnyp barylmagy.

- Iş kesilenleriň zähmetinde azatlykda zähmet çekýän raýatlaryňkydan tapawutlylykda belli bir çäklendirmeler bar. Mysal: Iş kesilenler üçin zähmet çekmek hökman, olaryň işiň we hünäriň görnüşini saýlap almaga mümkinçiligi ýok hem-de olar belli bir işlerde ulanylyp

bilmeýärler, ýagny olar üçin işleriň gadagan edilen görnüşleri bar.

Her bir iş kesilen zähmet çekmäge borçlydyr. Ýöne beýle diýildigi azatlykdan mahrum edilýän ýerlerde zähmet çekmeklik mejbury häsiýete eýe diýildigi däldir, çünki iş kesilenleriň zähmeti siwilizlenen formada, tehniki howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmek, iş kesilenleriň saglyklary barada alada etmek, degişli zähmet şertlerini üpjün etmek we oňa laýyk zähmet hakyny tölemek şertlerinde guralmalydyr.

Jenaýat jeza çäresini ýerine ýetirýän edaralar iş kesilenleiň zähmet ukybyna, mümkin bolan halatynda bolsa hünärine görä iş bilen üpjün edýär. Zerur bolan halatynda olara täze hünäri ozleşdirmäge şert döredilýär.

Eger iş kesilen belli bir wezipäni eýelemekden ýa-da belli bir işlerde işlemekden mahrum edilen bolsa, onda şeyle iş düzediş edarasynda bar hem bolsa iş kesilene berilmeýär.

Iş kesilenleri ulanmak gadagan edilýän belli bir işler hem bar. Gadagan edilen işleriň sanawy içerki tertip-düzgün kadalary bilen düzgünleşdirilýär. Mysal: iş kesilenleri düzediş edarasynyň bölümlerinde, IIM-niň goşunlarynyň ştablarynda, beýleki gulluk jaýlarynda, köpeldiji enjamlarda, satyjy, buhgalter, sürüji, suratçy, diş salyjy we materual jogapkär işgär hökmünde.

**Iş kesilenleriň zähmetini guramagyň görnüşleri şulardan ybarat:**

- Düzediş edarasynyň öz hususy önümçiliginde.
- Jeza çäresini ýerine ýetirýän edaranyň kärhanalarynda.
- Düzediş edarasynyň çäginde ýerleşýän beýleki kärhanalarda.
- Düzediş edaralarynda we derňew gabawhanasyda hojalyk hyzmatlarynda.

Iş kesilenleriň zähmet borçlary we hukuklary.

Iş kesilen her bir adam zähmet çekmäge borçludyr. Düzediş-zähmet edaralarynyň administrasiýasy iş kesilenleriň işe ýarawlylygyny we mümkin boldugyça hünärini nazara alyp, olary jemgyýete peýdaly zähmete çekmegi üpçün etmäge borçlydyr. Jezany aýratyn düzgünli düzediş-zähmet koloniýalarynda çekýänler kada hökmünde agyr işlerde işledilýärler.

Iş kesilenler kada hökmünde düzediş-zähmet edaralarynyň kärhanalaryndaky zähmete çekilýär. Azatlykdan mahrum edilmek jezasyny türmelerde çekýän iş kesilenleriň zähmeti diňe türmäniň meýdançasynda guralýar. Beýleki ministrlikleriň, döwlet komitetleriň we edaralaryň önümçilik obýektlerinde işlemek üçin çekilýän iş kesilenleriň zähmeti olary üzňe we saklawly ýagdaýda saklamak talaplary berjaý edilip guralýar.

Azatlykdan mahrum edilmäge iş kesilenleri peýdalanmak gadagan edilýän işleriň we wezipeleriň

sanawy düzediş-zähmet edaralarynyň içrki düzgün-tertip kadalary arkaly bellenilýär (Türkmenistanyň düzediş zähemt kodeksiniň 51-nji maddasy).

Jezany düzediş-zähmet koloniýalarda we türmelerde çekýän adamlar üçin sekiz sagatlyk iş güni bellenilýär. Işiň (smenanyň) başlanýan we gutarýan wagty düzediş-zähmet edaralarynyň içerki düzgün-tertip kadalary arkaly bellenilýär. Iş kesilenlere hem hepdede bir dynç alyş güni berilýär. Iş kesilenler zähmet hakyndaky kanunlarda göz öňünde tutulan tertipde baýramçylyk günlerinde işden boşadylýar. Iş kesilenleri dynç alyş günlerinde we baýramçylyk günlerinde işe çekmek zerurlygy bolan mahalynda, olara bir aýyň dowamynda beýleki günlerde dynç berilýär.

Işleriň kübir görnüşlerinde, önümçiligiň şertleri boýunça iş kesilenler üçin günüň ya-da hepdäniň iş wagtynyň bellenen dowamlylygyny berjaý edip bolmasa, onda zähmet hakyndaky kanunçylygyna laýyklykda, iş wagtynyň jemlenilen hasby goýberilýär şeýle hem hasabat möhletiniň iş wagtynyň dowamlylygy günde sekiz sagatdan köp bolmaly däl.

Jezany düzediş-zähmmet koloniýalarda-poseleniýelerde we terbiýeleýiş zähmet koloniýalarda çekýän iş kesilenleriň iş gününiň dowamlylygy, şonuň ýaly-da olara her hepdede dynç günlerini bermek zähmet hakyndaky kanunlara laýyklykda umumy esaslarda bellenilýär.

Azatlykdan mahrum edilen adamlaryň jeza geçirýän döwründe rugsada gitmäge haky ýokdur.

Iş kesilen aýallar göwreliligi we çaga dogurmagy boýunça zähmet hakyndaky kanunlarda işçiler we gullukçylar üçin bellenilen möhletleriň dowamynda işden boşadylýar.

Iş kesilenleriň azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezasyny çekýän döwründe işlän wagty zähmet stažyna girizilmeýär. Ýöne welin kanunda ýörite göz öňünde tutulan halatlar muňa girmeýär.

Iş kesilenleriň zähmeti zähmet hakyndaky kanunlar bilen anyklanan zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk kadalaryny berjaý etmeklikde guralýar Türkmenistanyň düzediş zähemt kodeksiniň 52-nji maddasy)

Iş kesilenleriň zähmetiniň mukdaryna we hiline laýyklykda halk hojalygynda dowam edýän normalar we bahalar boýunça olaryň zähmetine hak tölenýär. Iş kesilenleriň gazanjy hasaplanylanda düzediş-zähmet edaralary saklamak baradaky çykdaýjylaryň iş kesilenler tarapyndan kem-käs edilmegi nazarda tutulyp hasaplanylýar.

Düzediş-zähmet koloniýalarda we türmelerde düzgüni bozmaýan we iş normalary ýa-da bellenilen tabşyryklary ýerine ýetirýän iş kesilen adamlaryň hususy hasbyna, tutulýan ähli tutumlara garamazdan hasplanylan aýlykk ggazanjyň azyndan on göterimi geçirilmelidir, düzgüni bozmaýan birinji we ikinji topar inwalidleriň hususy

hasbyna bolsa olara ýazylan aýlyk gazanjyň azyndan ýigrimi bäş göterimi geçirilmelidir. Terbiýeleýiş–zähmet koloniýalarynda düzgüni bozmaýan iş kesilenleriň hususy hasabyna tutulýan ähli tutumlara garamazdan, olara ýazylan aýlyk gazanjyň azyndan kyrk bäş göterimi geçirilmelidir.

Koloniýa-poseleniýeleriň ähli görnüşlerinde jeza çekýän adamlara, şonuň ýaly-da koloniýadan daşarda ýaşamaga rugsat berilen iş kesilen aýallara tutulýan ähli tutumlara garamazdan, olaryň gazanjynyň umumy summasynyň azyndan elli göterimi tölenilmelidir (Türkmenistanyň düzediş zähemt kodeksiniň 53-nji maddasy)

Düzediş-zähmet koloniýalarynda we türmelerde jeza çekýän admlar ýazylan gazançdan iş geýiminiň we ýörite iýmitiň bahasyndan başga iýmitiň, geýimiň we aýakgabyň bahasyny töleýärler. Şol çykdaýjylar tölenenden soň şol ýazylan gazançdan, hereket edýän kanunlarda bellenilen tertipde ýerine ýetiriliş sahypalar we ýerine ýetiriliş resminamalar boýunça pul tutulýar. Bu kadadan çykylyp, kämillik ýäşynä ýetmedik çägälär üçin tölenýän alimentler iş kesilen adamynyň işläp gazanan hakynyň ähli jeminden hasaplanyp çykarylýar, şol jem iş hakynyň düzediş-zähmet edaralaryny saklamak boýunça sarp edilýän çykdaýjylary tölemek üçin aýrylyp goýulan bölegi hem goşulýar, alimentleriň özi bolsa şol çykdaýjylar tölenmezden öň tutulyp alynýar.

Iş kesilenleriň gazanjyndan tutulýan tutumlar şu aşakdaky nobatly tertipde tutulýar:

- Girdeji salgydy;
- Iýmitiň, geýimiň we aýakgabyň gymmaty;
- Ýerine ýetiriliş sahypalar we beýleki ýerine ýetiriliş resminamalr boýunça;
- Jeza çekýän wagtynda iş kesileniň döwlete ýetiren maddy zyýanyny tölemek;

Näsaglygy sebäpli işden boşadylan iş kesilenlere, göwreli aýallara we çagasyny emdirýän enelere işden boşadylan döwrüniň dowamynda iýmit mugut berilýär. Kemala gelmediklere, şonuň ýaly-da birinji we ikinji topardaky inwalidlere iýmit, geýim we aýakgap mugut berilýär.

Işden bilgeşleýin boýun gaçyrýan iş kesilenlerden iýmitiň, geýimiň we aýakgabyň gymmaty düzediş-zähmet koloniýasynyň ýa-da türmäniň başlygynyň karary boýunça şol iş kesilenleriň hususy hasaplarynda bar bolan serişdelerden töledilip alynýar (Türkmenistanyň düzediş zähemt kodeksiniň 54-nji maddasy).

Iş kesilenler diňe azatlykdan mahrum ediliş ýerlerini we olaryň töweregindäki meýdançalary abadanlaşdyrmak baradaky, şonuň ýalyda iş kesilenleriň medeni-durmuş şertlerini gowulandyrmak baradaky işlere zähmetine hak tölemän çekilip biliner.

Iş kesilenler şol işlere, kada hökmünde nobatçylyk tertibinde, işden daşary wagtda we bir günde köp bolsa iki sagat dowamynda çekilýär (Türkmenistanyň düzediş zähemt kodeksiniň 55-nji maddasy).

Jezany ýerine ýetirýän edaralaryň kärhanalarynyň öz **aýratynlyklary bolup, olar şulardan ybarat:**

- Düzediş edaralarynyň kärhanalary jenaýat-düzediş ulgamy

tarapyndan döredilýärler we ýatyrylýarlar.

- Kärhana düzediş edarasynyň başlygy ýolbaşçylyk edýär.
- Kärhanada bar bolan wezipeleriň sanawy Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň tarapyndan tassyklanýar.
- Kärhanalar öz girdejilerinden jenaýat-düzediş ulgamy tarapyndan aýry-aýry düzediş edaralaryna maddy kömek bermek we onuň ösüş maksatnamalaryny maliýeleşdirmek üçin döredilen ýörite gaznalara býudjetden daşary geçirimleri geçirýärler.
- Kärhanalar öz işlerini we geljekki ösüş maksatnamalaryny özleri meýilleşdirýärler.
- Iş kesilenlere zähmet jedellerini çözmek maksady bilen işleri bes etmeklik gadagan edilýär.
- Işden ýüz döndermek, işi bes etmek jeza çekmek düzgünlerini gödek bozmak hasap edilýär we onuň üçin temmi çäresine ýa-da maddy jogapkärçilige çekilip bilinýär.

Iş kesilenlere ulanylýan temmi çäreleri barada ýörite sagatlarda gürrüň ediler.

Şoňa görä-de, iş kesilenleriň zähmeti barada aýdylanlary jemläp, onuň azatlykdan mahrum edilenleri jemgyýete doly hukukly agza hökmünde gaýtaryp bermekde roluna düşünmek kyn däldir.

## Iş kesilenleriň arasynda syýasy-terbiýeçilik işi

**§1. Düzediş edaralarynda iş kesilenleriň arasynda geçirilýän syýasy-terbiýeçilik işiniň kadalary.**

**§2. Düzediş edaralarynda iş kesilenler barada alnyp barylýar syýasy-terbiýeçilik işleriniň formalar we aýratynlyklary.**

**§3. Umumy we berk düzgünli koloniýalarda, koloniýa-poseleniýelerde we terbiýeleýiş koloniýalarynda hojalyga hyzmat etmegiň görnüşleri.**

Iş kesilenler bilen syýasy-terbiýeçilik işlerini düzediş edarasynyň administrasiýasy guraýar we alyp barýar. Bu işi göniden-göni düzediş edarasynyň başlygynyň orunbasary guraýar we gönükdirýär. Bu işde wajyp rollaryň biri iş kesilenleriň göniden-göni başlygy bolan otrýad

naçalniklerine degişlidir, çünki olar otrýadda terbiýeçilik işiniň ýagdaýyna jogap berýärler.

Terbiýeçilik işlerine jemgyýetçilik wekilleri, hojalyk we beýleki guramalaryň wekilleri hem gatnaşýarlar.

Düzediş edarasynyň işgärleri barada aýdylanda olaryň ýörite terbiýeçilik bilen meşgullanýan işgärlerinden başgalary hem bu işden çetde durmaýarlar, çünki düzediş edarasynda esasy mesele bolan terbiýeçilik meselesiniň çözüliş derejesinden bu edaranyň öz öňünde goýlan maksady nä derejede amala aşyrýandygy barada netije çykarylýar.

Düzediş edaralarynda iş kesilenleri düzetmek maksadyna ýetmek üçin olaryň ahlak, hukuk, zähmet, fiziki we beýleki terbiýesi barada alada edilýär.

Türkmenistanyň Türkmenistanyň düzediş zähemt kodeksiniň 57-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda azatlykdan mahrum edilenler bilen syýasy-terbiýeçilik işini geçirmek – olary zähmete ak ýürekden garamak, kanunlary ak ýürekden ýerine ýetirmek, umumy ýaşaýyş kadalaryny hormatlamak, döwlet eýeçiligine aýawly garamak ruhunda terbiýelemeklige, olaryň düşünjeliligini we medeni derejesini ýokarlandyrmaga, iş kesilenleriň peýdaly inisiatiwasyny ösdürmäge gönükdirilmelidir.

Türkmenistanyň Türkmenistanyň düzediş zähemt kodeksiniň 58-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, iş kesilenler barada syýasy-terbiýeçilik işleri esasan şu formalarda alnyp barylýar:

1) Zähmet ýaryşy

2) Iş kesilenleriň eden jenaýatyny, ýaşyny, bilimini, kärini we beýleki aýratynlyklaryny nazara alyp, iş kesileniň her biriniň şahsyýetini öwrenmek esasynda geçirilýän indiwidual iş.

3) Agitasion-propagandistik we medeni-köpçülik işi.

Iş kesilenler bilen geçirilýän syýasy-terbiýeçilik işi düzediş edarasynyň görnüşi we onda bellenilen düzgün nazara alnyp, şoňa laýyklykda geçirilýär.

Türmelerde we kamera tipli jaýlarda syýasy-terbiýeçilik işi, kada boýunça, kameralar boýunça geçirilýär.

Zähmet ýaryşy barada aýdylanda bu syýasy-terbiýeçilik işiniň esasylarynyň biri bolup, munda iş kesilenleriň zähmet endikleri we olarda döredijilik inisiatiwasy ösdürilýär we düzediş edarasynda iş kesilenleriň arasynda "önümçiligiň öňdebaryjysy", "Iň gowy hünärmen" diýen atlary almak ugrunda ýaryşlar guralýar.

Iş kesilenlere hereket edýän kanunçylygy düşündirmek işi hem syýasy-terbiýeçilik işiniň düzüm bölegi bolup, munda azatlykdan mahrum edilýän ýerlerde hukuk biliminiň esaslary boýunça sapaklar geçirilýär, hukuk maslahathanalary hereket edýär we iş kesilenlere hemişe aklowçynyň kömeginden peýdalanmaga mümkinçilik döredilýär.

Şonuň ýaly-da, kanunyň talaplaryna görä, düzediş edaralarynda iş kesilenler üçin jezany ýerine ýetirmek, içerki düzgün-nyzam bilen baglanşykly kanunçylyk namalary bilen tanyşmaga hemişe mümkinçilik döredilmelidir. Kanunyň bu talaby iş kaşesilenleriň hukuk terbiýesini artdyrmaklyga ýardam edýär.

Agitasiýa-propaganda işleri- bu iş kesilenlere döwlet syýasatynyň esasy ugurlaryny düşündirmek, olary hökümetiň çykarýan wajyp çözgütleri bilen tanyşdyrmak, döwlet durmuşynda bolup geçýän esasy wakalar bilen tanyşdyrmak we olary wagyz etmeklige gönükdirilýär.

Medeni-köpçülik işleri esasan iş kesilenleriň medeni derejesini ýokarlandyrmaklyga we olaryň dynç alyşyny peýdaly gurmaklyga gýnükdirilýär. Bu işde telewideniýe we kinodan başga-da, medeniýet işgärleriniň, ýazyjylaryň, şahyrlaryň, artistleriň, suratkeşleriň düzediş edaralaryna çagyrlyp, olaryň iş kesilenleriň öňünde çykyşlary guralýar. Şeýle hem, düzediş edaralarynda klublar, kitaphanalar we terbiýeçilik işleri geçirilýän ýörite otaglar bar.

**Azatlykdan mahrum edilýän ýerlerde iş kesilenlerde kollektiwizm endiklerini ösdürmek we olaryň peýdaly inisiatiwasyny höweslendirmek, olaryň düzelmegine we gaýtadan terbiýelenmegune kollektiwiň täsirini peýdalanmak maksady bilen ol ýerlerde iş kesilenleriň özişjeň guramalary döredilýärler. Ol guramalar düzediş edarasynyň administrasiýasynyň ýolbaşçylygy astynda işleýärler.(59-njy maddasy).**

Umumy we berk düzgünli koloniýalarda, koloniýa-poseleniýelerde we terbiýeleýiş koloniýalarynda hojalyga hyzmat etmer üçin turmelerde galdyrylan iş kesilenleriň, aýratyn düzgünli koloniýalaryň kamera tipli jaýlaryndan adaty ýaşayyş jaýlaryna geçirilen iş kesilenleriň arasynda özüni gowy alyp barmagyň we zähmete ak ýürekden garamagyň göreldesini görkezen adamlaryň arasyndan iş kesilenleriň kollektiwler geňeşleri döredilyär.

Kollektiwler geňeşleri iş kesilenleriň umumy ýygnaklarynda ýa-da olaryň wekilleriniň ýygnaklarynda açyk ses bermek arkaly saýlanylyar. Kollektiwler geňeşiniň düzümi düzediş edarasynyň başlygy tarapyndan tassylanýar.

Kollektiwler geňeşleri öz işleri barada iş kesilenleriň ýygnaklarynda hasabat berýärler. Olaryň kabul edýän karalary administrasiýa tarapyndan tassyklanýar.

Türmelerde we aýratyn düzgünli koloniýalaryň kamera tipli jaýlarynda saklanýan iş kesilenleriň arasynda administrasiýa tarapyndan bellenýän brigadirler geňeşi döredilulip bilner (60-njy maddasy).

Özişjeňlik guramalarynyň esasy wezipeleri- bu iş kesilenlere öz-özüňi terbiýelemekde, olaryň ruhy, hünär we fiziki taýdan ösmeklerine ýardam etmek, olarda peýdaly inisiatiwa duýgusyny oýarmak, olaryň düzelmäge bolan ymtylyşlaryny artdyrmak, zähmeti guramak meselelerine gatnaşdyrmak, düzediş edarasynda tertip-düzgüni berjaý etmeklige we iş kesilenleriň öz aralaryndaky

gatnaşyklaryny sagdynlaşdyrmak we olara sosial kömek bermek meselelerine gýnükdirilýär.

Özişjeňlik guramalarynyň agzalary hiç bir artykmaçlyklardan peýdalanmaýarlar hem-de olar administrasiýaniň ygtyýarlyklaryna eýe bolup bilmezler.

**Azatlykdan mahrum edilen adamlar barada ulanylýan höweslendiriş we temmi beriş çäreleri.**

Özlerini alyp baryşlaryna laýyklykda iş kesilenler barada höweslendiriş ýa-da temmi beriş çäreleri ulanylýar.

**Höweslendiriş çäreleriniň görnüşleri:**

1). Hoşallyk bildirmek.

2). Önümçiligiň öňdebaryjylarynyň tagtasyna yazmak.

3). Taryp haty bilen sylaglamak.

4). Işde gowy netijeler gazananlygy üçin baýrak.

5). Ýylda goşmaça bir posylka ýa-da peredaça ygtyýar bermek.

6). Ýylda goşmaça bir gysga ya-da uzak möhletli görme-görüş.

7). Baýramçylyk günleri azyk önümlerini we iň zerur zatlary satyn
almaga goşmaça pul harçlamak.

8). Ozal berlen temmisini möhletinden öň aýyrmak.

9). Jeza möhletiniň 1/3 geçirenleri aýratyn düzgünli DK-nyň kamera
tipli jaýlaryndan adaty ýaşaýyş jaýlaryna geçirmek.

10). Umumy düzgünli türmelerde saklanýanlaryň gezelenç wagtyny
iki sagada çenli, berk düzgünlidäkileriňkini bolsa bir sagada çenli
artdyrmak.

11). Höküm boýunça bellenilen türme tussaglygynyň ýarysyny
geçirenden soňra, türmeden düzediş koloniýasyna geçirmek.

12). Aýratyn düzgünli koloniýada jeza möhletiniň ýarysyny geçiren
bolsa, ayratyn düzgünli koloniýadan berk düzgünli koloniýa
geçimek.

Şeýle hem, özüni göreldeli alyp barýan iş kesilenler kanunda bellenilen möhletlerini geçirenlerinden soň, möhletinden öň şertli boşadylmaga ýa-da jezanyň çekilip gutarylmadyk bölegini has ýeňil jeza bilen çalşyrylmaga hödürlenip bilnerler.

Höweslendiriş çäresini ulanmagyň kanunda bellenen tertibine laýyklykda, pul baýragy iş kesileniň şahsy hasabyna geçirilýär.

Posylka ýa-da peredaça almak diňe şol hukukdan peýdalanýan iş kesilenlere ulanylýar.

Berk düzgünli türmede saklanýanlar barada görme-görüş höweslendiriş çäresi ulanylmaýar.

Umumy düzgünli türmede saklanýanlara diňe gysga möhletli görme-görüş ulanylýar.

Höweslendiriş tertibinde gezelenç wagty türmede saklanýanlara bir aýdan artyk uzaldylmaýar.

Bir wagtyň özünde ozal belen temminiň diňe biri aýrylyp bilner.

Kamera tipli jaýlardan adaty ýaşaýyş jaýlaryna düzediş edarasynyň başlygynyň gözegçilik topary bilen ylalaşylan karary esasynda geçirilýär.

Hoşallyk bildirmek dilden ýa-da düzediş edarasynyň başlygynyň buýrugy bilen ýazmaça yglan edilýär.

Beýleki höweslendirmeler hem düzediş edarasynyň başlygynyň karary boýunça ulanylýar.

**Temmi beriş çäreleriniň görnüşleri:**

Azatlykdan mahrum etmek jeza çäresini çekmek düzgünlerini bozanlygy üçin ulanylýan temmi çäreleri:

1). Duýduryş ýa-da käýinç bermek.

2). Düzediş edarasynyň jaýlaryny we territoriýasyny arassalamak üçin gezekden daşary nobatçylyga bellemek.

3). Tebiýeleýiş koloniýalarynda saklanýanlary kino, konçerte barmakdan, sport oýunlaryna gatnaşmakdan bir gezeklein mahrum etmek.

4). Nobatdaky görme-görüşden mahrum etmek.

5). Nobatdary posylkany we peredaçany almak hukugyndan mahrum etmek we azyk önümlerini satyn almagy bir aýa çenli gadagan etmek.

6). Iş kesilenleri saklamak üçin niýetlenen gowyşulandyrylan şertleri ýatyrmak.

7). Iş kesilenleri iş ýa-da okuw üçin çykaryp ýa-da çykarman 15 gije-gündize çenli jerime izolýatoryna salmak, terbiýeleýiş koloniýalaryndakylary bolsa 10 gije-gündize çenli düzgün-nyzam izolýatoryna salmak.

8). Türmelerde saklanýan iş kesilenleri iş ýa-da okuw üçin çykarman 15 gije-gündize çenli karsere salmak.

9). Umumy we derk düzgünli düzediş edaralarynda saklanýan iş kesilenleri iki aýdan alty aýa çenli kamera tipli jaýlara geçirmek.

10). Aýratyn düzgünli koloniýalarda saklanýanlary-bir ýyla çenli möhlet bilen ýeke adamlyk kameralara geçirmek.

11). Umumy düzgünli türmedäkileri 2 aýdan 6 aýa çenli berk düzgünli türmä grçirmek.

12). Aýratyn düzgünli koloniýalaryň adaty ýaşaýyş jaýlaryndan kamera tipli jaýlara geçirmek.

13). Azatlykdan mahrum etmek jeza çäresiniň düzgünlerini zannyýamanlyk bilen bozýan iş kesilenler prossessual kanunda bellenen tertipde has ýeňil düzgünli koloniýadan has berk düzgünli koloniýa geçirilip bilnerler.

14). Düzediş koloniýasyndan üç ýyla çenli möhlete türme düzgünine geçirmek.(67-nji maddasy).

**Temmi beriş çärelerini ulanmagyň tertibi:**

Kanunyň talaplaryna laýyklykda, iş kesilenlere berilýän temmiler olaryň eden etmişiniň agyrlygyna,häsiyetine we şahsyýetine laýyk gelmelidir.

Bir wagtyň özünde edilen birnaçe etmiş üçin bir temmi ulanylýar.

Temmi edilen etmişiň ýüze çykarylan gününden beýläk, eger edilen etmiş barada barlag geçirilen bolsa, onda barlag gutaranyndan beýläk, 10 gije-gündiziň dowamynda, ýöne etmişiň edilen wagtyndan alty aýdan gijä galman, temmi berilýär.

Berlen temmi dessine ýerine ýetirilýär, aýratyn halatlarda bir aýdan gijä galman ýerine ýetirilýär.

Umumy we berk düzgünli düzediş edaralarynda saklanylýan iş kesilenleri kamera tipli jaýlara, aýratyn düzgünlidäkileri ýeke adamlyk kameralara geçirmek beýleki täsir ediş çäreleriniň netije bermedik halatynda ýa-da düzgüniň bilkastlaýyn bozulan halatlarynda amala aşyrylýar.

Ýanynda iýmitlendirýän çagalary bolan ýa-da göwreliligi çebäpli işden boşadylan aýallar jerime izolýatoryna, kamera tipli jaýlara, türmede bolsa karsere we berk düzgüne geçirilmeýär.

Iş kesilenleri saklamagyň gowulandyrylan şertlerine gaýtadan geçirmek onuň ýatyrlan gününden azyndan bir ýyldan soň geçirlip bilner.

Aýratyn düzgünli koloniýada adaty ýaşaýyş jaýlaryndan kamera tipli jaýlara geçirilenleri gaýtadan kamera geçirmek olaryň kamera tipli jaýlara getirilen gününden beýläk azyndan bir ýyldan geçýänçä geçirilmeýär.

Nobatdaky posylkany(peredaçany) almakdan we azyk önümlerini satyn almakdan mahrum etmek posylkany(peredaçany) almaga hukugy bolan adamlar barada ulanylýar.

Azyk önümlerini satyn almagy bir aýa çenli gadagan etmek – posylkalary(peredaçalary) almaga hukugy bolmadyklar barada ulanylýar.

Duýduryş ýa-da käýinç bermek, gezekden daşary nobatçylyk, kino, konserte barmakdan, sport oýunlaryna gatnaşmakdan mahrum etmek dilden ýa-da edaranyň başlygynyň buýrugy bilen ýazmaça berilýär.

Umumy, berk we aýratyn düzgünli düzediş edaralarynda saklanýan iş kesilenleri ramera tipli ýa-da ýeke adamlyk kameralara geçirmek koloniýanyň başlygynyň gözegçilik komissiýasy bilen ylalaşylan karary esasynda amala aşyrylýar.

Temmi çekilip gutarlandan soň bir ýylyň dowamynda täze temmi berilmese, temmi berilmedik diýip hasap edilýär.

## Jeza çekmekden boşatmak üçin esaslar, azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinden boşadylan adamlara kömek bermek, olary göz astyna almak, olara gözegçilik etmek

Jeza çekmekden boşatmak diýmek jeza çekilmeginiň bes edilmegini we jeza bilen baglanyşykly ähli çäklendirmeleriň ýatyrylmagyny aňladýar.

Türkmenistanyň düzediş zähmet kodeksiniň 105-nji maddasynda jeza çäresini çekmekden doşatmagyň ilkinji esaslarynyň biri hökmünde hökümde bellenen möhletiň tamamlanmagy görkezilen.

Kazyýetiň hökümi bilen bellenen jeza çäresiniň möhletini hasaplamak düzediş edarasynyň administrasiýasynyň üstüne ýüklenendir we bu işi göniden-göni düzediş edarasynyň ýörite bölümi alyp barýar.

Jeza möhletiniň başlanýan wagty iş kesileni tussag astyna akmak baradaky resminama esaslanyp hasaplanýar.

Jeza möhletiniň başlanýan we tamamlanýan wagty jezany ýerine ýetirýän edara tarapyndan iş kesileniň şahsy işinde we hasap resminamalarynda bellenýär. Eger bu barada gapma-garşylyk ýüze çyksa, onda jezany perine ýetirýän edara höküm çykaran kazyýete hat ugradyp, jezanyň başlanýan wagtyny anyklaýar.

Jezadan boşatmagyň ýene-de bir esasy- bu günä geçmek we rehim etme çäreleridir. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 53-nji maddasyna laýyklykda bu çäreleri amala aşyrmak Türkmenistanyň Prezidentiniň

ygtyýarlaryna girýär we onuň tabşyrmagy bilen Türkmenistanyň Mejlisi hem bu çäreleri amala aşyryp biler.

Hökümiň ýatyrylyp, iş ýöretmegiň bes edilmegi sebäpli jezadan boşatmak iş kesileniň doly aklanyp, onuň ähli hukuklarynyň dikeldilýändigini aňladýar. Kazyýetiň şeýle kararyny alan düzediş edarasy iş kesileni haýal etmezden boşatmaga borçludyr.

Hökümiň üýtgedilip, jezanyň şertli jeza bilen çalşyrylmagy ýa-da bellenen jezanyň çekilip gutarylmadyk çäklerine çenli azaldylmagy hem ýokarda duran kazyýetleriň degişli kararlary esasynda amala aşyrylýar.

Geza çekmekden möhletinden öň şertli boşadylmagy.

Iş kesileniň kesellemegi sebäpli ony geza çekmekden boşatmak. (107-nji maddasy).

**Jeza çekmekden boşadylan adamlara kömek bermek, olary işe ýerleşdirmek.**

Jenaýat jeza çäresiniň jemgyýetden çetleşdirmek şertlerinde çekilmegi, tejribeden görnüşine görä, köp halatlarda iş kesilenleri maşgalasy, dogan-garyndaşlary we ozal işlän ýerindäki zähmet kollektiwi bilen sosial peýdaly gatnaşyklaryndan çetleşmegine getirýär.Jeza çäresini çekip gutaran şahsyýetiň durmuş we zähmet taýdan oňaýsyz ýagdaýda galdyrylmagy onuň täze jenaýatlary etmegine şert döredýär. Şoňa görä-de, Düzediş kanuny düzediş edarasynyň administrasiýasyndan jezadan boşadylyan iş

kesilenleri şol çärä taýýarlamaklygy talap edýär. Jeza möhletiniň gutarmagyndan üç aý öň düzediş edarasynyň administrasiýasy zerur bolan mahalynda, boşadylýan adamy işe ýerleşdirmek mümkinçiligini aýdyňlaşdyrýar we ony işe ýerleşdirmek üçin çäreler görýär.

Düzediş edarasynyň başlygy ýa-da onuň syýasy-terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary jezadan boşadylýanyň hukuklaryny we borçlaryny oňa düşündirmäge, onuň geljekki meýilleri, iş we ýaşaýyş şertleri bilen gyzyklanmaga borçludyrlar.

Eger jezadan boşadylýan iş kesilen saglyk ýagdaýy zerarly kesekiniň kömegine mätäç bolsa onuň ýanyna düzediş edarasynyň işgäri goşulýar.

Kemala gelmedikler düzediş edarasyndan boşadylanda ata-eneleriň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň ýanyna iberilýärler. Eger şeýle etmeklik mümkin bolmasa, onda boşadylýanyň ozalky ýaşaýan ýerindäki kemala gelmedikler baradaky topar düzediş edarasynyň haýyşy boýunça ony hünärine laýyklykda işe ýa-da okuwa ýerleşdirýär we zerur bolan ýaşaýyş-jaý şertlerini döredýär.

Käbir ýagdaýlarda jezadan boşadylýan kemala gelmedik iş kesilen terbiýeleýiş edarasynyň ýerleşýän ýerindäki toparyň ygtyýaryna hem ugradylyp bilner.

On alty ýaşa ýetmedikleriň ýany bilen işgär ýa-da onuň hossary gidýär.

Koloniýanyň administrasiýasy boşadylanlaryň ýaşaýan ýerine gelendiklerini barlamagy guraýar.

Jezadan boşadylan adamlaryň ýaşaýan ýa-da işleýän ýerine mugt gitmegi we ol ýere barýança bellenilen normalar boýunça azyk we pul bilen üpjün edilmegi, zerur bolan halatynda geýim we aýakgap bilen üpjün edilmegi administrasiýa tarapyndan guralýar.

Zerur bolan halatlarda olara ýörite gordan bir wagtlaýyn pul kömegi hem berlip bilner.

Tejribeden görnüşine görä, azatlykdan mahrum edilýän ýerlerden boşadylan adamlar özbaşdak işe ýerleşmekligi maksadalaýyk yasaplaýarlar we köplenç ýagdaýlarda bu olara başardýar, ýöne bu mesele boýunça olaryň ýerli ýerine ýetiriş häkimiýet edaralaryna ýüz tutmaga haklary bardyr we şol edaralar 15 günden gijä galman olary iş bilen üpjün etmelidirler we zerur bolan mahalynda ýaşaýyş jaý meýdany bilen hem üpjün etmelidirler.

Ýerli ýerine ýetiriş häkimiýet edaralarynyň jezadan boşadylan adamlary işe ýerleşdirmek barada beren hatlary edara kärhanalaryň ýolbaşçylary üçin hökmandyr we olary işe kabul etmekden ýüz dönderilmegine ýol berilmeýär.

Ýöne Türkmenistanyň düzediş zähemt kodeksiniň göz öňünde tutýan ýeňillikleriniň beýleki kanunlar tarapyndan üpjün edilmezligi käbir halatlarda olaryň hakykat ýüzünde amala aşyrylmagyna bökdençlik döredýär.

Mysal üçin, azatlykdan mahrum edilýän ýerlerden boşan adamlaryň ýaşaýyş jaýy bilen üpjün edilmelidigi barada ýaşaýyş jaý kodeksinde hiç zat aýdylmaýar.

Şol bir wagtyň özünde, “Raýatlary iş ýeri bilen üpjün etmek hakyndaky” Kanunyň talaplaryna laýyklykda, Türkmenistan sosial taýdan goralmaga mätäç hem-de zähmet bazarynda deň şertlerde bäsdeşligi başarmaýan işe ukyply ýaşdaky işe ukyply raýatlaryň¸ şol sanda hem ¸ jeza çekilýän ýa-da kazyýetiň karary boýunça özüni mejbury bejerdýän edaralardan boşan adamlaryň* goşmaça iş orunlaryny we ýöriteleşdirilen kärhanalary¸ şol sanda hem inwalidleriň zähmet çekip bilýän kärhanalaryny¸ sosial-dikeldiş (reabilitasoin) merkezlerini döretmek¸ iş öwretmegiň - okatmagyň ýörite programmalaryny guramak hem-de beýleki çäreler arkaly iş bilen üpjün bolmagyň goşmaça kepillerini üpjün edýär.

Türkmenistanyň raýatlarynyň zähmet babatynda sosial taýdan goralmaga hukugy bardyr. Bellenen tertipde işsiz diýlip hasap edilen adamlaryň işsizlik zerarly posobiýe almaga haky bardyr.

Maýyp we gartaşan adamlaryň haýyşy boýunça olar maýyplar we gartaşanlar öýlerine ýerleşdirilmelidir.

Ata-enesi bolmadyk kemala gelmedikler, zerur bolan mahalynda, toparlar tarapyndan internatlara ýa-da beýleki çagalar edaralaryna iderilýär, ýa-da bellenilen tertipde howandarlyga berilýär.

Iş kesilenleriň jeza çäresini çekýän we ony çekip gutarandan soňky döwrüň dowamynda emläge, şol sanda hususy ýaşaýyş jaýyna bolan hukugy saklanyp galýar. Ol şol döwrüň dowamynda miras almaga, dürli geleşikleri baglaşmaga haklydyr.

Şeýle hem olaryň jeza çekýän döwrüniň dowamynda we jezadan boşadylandan soň alty aýyň dowamynda döwlet we jegyýetçilik ýaşaýyş jaýyna bolan hukugy saklanýar.

# EDEBIÝAT

1. Gurbanguly Berdimuhamedow, Ösüşiň täze belentliklerine tarap., Saýlanan eserler 1-2-nji tom, Aşgabat 2008-2009 ý.ý.

2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – “Ylym”neşirýaty – Aşgabat, 2007.

3. Gurbanguly Berdimuhamedow “Döwlet adam üçindir”. Aşgabat, 2008 ýyl.

4. Gurbanguly Berdimuhamedow, „Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary“, Aşgabat, 2007 ýyl.

5. Gurbanguly Berdimuhamedow “Eserler ýygyndysy”. Aşgabat, 2007 ýyl.

6. Gurbanguly Berdimuhamedow “Täze Galkynyş eýýamy”. Aşgabat, 2007 ýyl.

7. Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistan Sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdydyr, Aşgabat, 2007 ýyl.

8. “Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow gysgaça terjimehaly” . Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirligi Türkmenistanyň Prezidentiniň Arhiw gaznasy Aşgabat, 2007 ýyl.

9. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanda durmuş ykdysady

özgertmeleriň 2030-njy ýyla çenli Baş ugry milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007 ýyl.

10. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty”. Aşgabat, 2007 ýyl.

11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Daşary syýasaty, wakalaryň hronikasy. Aşgabat, 2007 ýyl.

12. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow, ”Türkmenistanyň Beýik Galkynyş Eýýamynyň Konstitusiýasy hakynda”. Aşgabat, 2008 ýyl.

13. „Parahatçylyk, döredijilik, progress syýasatynyň dabaralanmagy“. Aşgabat, 2007 ýyl.

14. „Halkyň ynam bildireni“. Aşgabat, 2007 ýyl.

15. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat, 2001.

16. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. (ikinji kitap) – Aşgabat, 2004.

17. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 1992, 2008.

18. Türkmenistanyň Adwokatura baradaky düzgünmamasy. Aşgabat, 1980 ý.

19. Türkmenistanyň Döwlet Notariaty hakyndaky kanuny 30.04.99. Aşgabat, 1999 ý.

20. Türkmenistanyň jenaýat-prosessual kodeksi. Aşgabat, 1988 ý.

21. Учебник ‘‘Правоохранительные органы с СССР’’. Москва, 1991 г.

22. Семенов В.М. ‘‘Правоохранительные органы в СССР’’. Москва, 1990 г.

23. Семенов В.М ‘‘Суд и правосудие в СССР’’. Москва, юр. лит . 1984 г.

24. ‘‘Правоохранительные органы в СССР’’. Учебник под редакцией Проф.Др. К.Ф.Гущенко. Издательство московского университета Москва 1991 г

25. Türkmenistanyň düzediş - zähmet kodeksi, Aşgabat, 1983ý.

26. Türkmenistanyň jenaýat kodeksi, Aşgabat, 1997ý.

27. Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky kanuny, Aşgabat, 2009ý.

28. Учебник исправительно-трудовое право, Москва, 1983 г

29. Кузнецов Ф.И., Шмаров.И.В. Эффективност деятельности- исправительно-трудовых учреждений Москва 1978 г

30. Маслов Т.В. Право и свобода личности, Москва, 1978 г.

## MAZMUNY

Giriş

Jenayat düzediş hukugy

§1. Jenayat düzediş hukudy kanunçylygyň pudagy

§2. Jenaýat düzediş hukugy ylmy hakynda dusunje

§3. Jenaýat düzediş hukugynyň predmeti

Jenaýat düzediş hukugynyň esasy ýörelgeleri

§1. Jenaýat düzediş hukugynyň ýörelgeleri..

§2. Mejbur ediş çäreleriniň we düzediş serişdeleriniň ýerlikli ulanylmagy.

§3. Jezany düzediş täsiri bilen utgaşdyrmak ýörelgesi

Düzediş koloniyalarynda azatlykdan mahrum etmekligi çekmegiň düzgünleri

§1. Iş kesilenleri azatlykdan mahrum edilýän ýerlerde saklamagyň düzgüni

§2. Düzgün hakynda düşünje

§3. Düzgün çärelerinde jenaýat jeza çäresiniň manysy

Jeza çäresini çekýän şahsyýetleriň hukuk ýagdaýy

§1. Jeza çäresini çekýän şahsyýetleriň hukuk ýagdaýy barada düşünje

§2. Iş kesilenleriň umumy hukuklary we borçlary

§3. Iş kesilenleriň hukuk ýagdaýynyň mazmuny barada düşünje

Türkmenistanyň düzediş edaralary we düzediş zähmet täsir ediş bilen bileleşdirilen jezalary ýerine ýetirýän döwlet edaralary

§1. Jezany ýerine ýetirýän döwlet edaralary barada düşünje

§2. Düzediş koloniýalary iş aýratynlyklary

§3. Düzediş koloniýalarynda düzediş jezalarynyň ulanylyşynyň manysy.

§4. Jezany ýerine ýetirmek we mejbury täsir ediş çäresini ulanmak.

Düzediş edaralarynda iş kesilenleriň zähmeti

§1. Düzediş edaralarynda iş kesilenleriň zähmetiniň kadalary

§2. Düzediş edaralarynda iş kesilenleriň zähmetiniň aýratynlyklary

§3. Düzediş koloniýalarynda iş kesilenleriň zähmetini guramagyň görnüşleri

Iş kesilenleriň arasynda syýasy-terbiýeçilik işi

§1. Düzediş edaralarynda iş kesilenleriň arasynda geçirilýän syýasy-terbiýeçilik işiniň kadalary

§2. Düzediş edaralarynda iş kesilenler barada alnyp barylýar syýasy-terbiýeçilik işleriniň formalar we aýratynlyklary

§3. Umumy we berk düzgünli koloniýalarda, koloniýa-poseleniýelerde we terbiýeleýiş koloniýalarynda hojalyga hyzmat etmegiň görnüşleri.

Edebiýat